# Türkmenistanyň Bilim Ministrligi

# Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

# Ýerli häkimiýet hukugy
# (okuw gollanmasy)

**Aşgabat – 2010 ý**

**B. M. Orazdurdyýewa**

# Ýerli häkimiýet hukugy
# (okuw gollanmasy)

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Ylmy redaktor: hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent M. Tyllaýew**

**Aşgabat – 2010 ý.**

## Giriş

Ýerli häkimiýet hukugy dersi öwrenilen mahalynda Täze Galkynyş zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek baradaky kesgitlän ugurlaryna aýratyn üns berilýär. Sebäbi häzirki wagtda ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýerli ilatyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmakda, ýurtda demokratiýany çuňňur ornaşdyrmaklykda özüniň aýratyn orny bar. Bu dersiň talyplara ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk we ylmy esaslarynyň derwaýys meselelerini öwretmek bilen döwlet dolandyryşyndan baş çykarýan ökde hukukçy hünärmenleri taýýarlamakda ähmiýeti uludyr. Ýerli häkimiýet hukugy dersi boýunça ýazylan bu okuw gollanmasynda Türkmenistanda Hormatly Prezidentimiz tarapyndan alnyp barylýan konstitusion özgertmeler jikme-jik seredilip geçilýär.

Bu okuw gollanmasy türkmen halkynyň geçmişde haýsy ýerlerde döwlet gurandyklary, ol döwletleriň nähili ýokary derejä barandyklary we häzirki wagtda Garaşsyzlygyň we Hemişelik Bitaraplygyň miweleri we beýleki ähli ugurlarda uly sepgitlere ýetilendigi barada talyplaryň aňyna ýetirmegi maksat edinýär. Ýerli häkimiýet hukugy dersini okatmak Türkmenistanyň ýerli häkimiýet edaralarynyň guralyşyny, wezipesini, olaryň işiniň görnüşlerini, usullaryny Garaşsyz döwletdäki we demokratik jemgyýetiň syýasy guramasynyň tutuş

gurluşynda olaryň ýoluny we tutýan ornuny, olaryň ösüşini öwrenmegi maksat edinýär.

Şeýle-de häkimiýet edaralarynyň gurluşy, ýerli häkimiýet edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň usullaryny işläp düzmäge, Türkmenistanyň döwlet baştutanynyň ýerli dolandyryş edaralary babatda öňdebaryjy iş tejribesini wagyz etmäge we ornaşdyrmaga gönükdirilendir. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyna eýe bolmaklygy bilen döwletiň häkimiýet edaralarynyň ulgamy hem düýpgöter özgerdi. Şol sebäpden hem talyplara ýurdumyzda bolup geçýän çuňňur özgertmeleri hukuk kadalarynyň üsti bilen öwretmeklik we şu dersi okatmaklyk zerur bolup durýar.

Häzirki wagtda ýerli häkimiýet hukugy ylmynyň wezipeleri, ozaly bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan hem-de Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilýän ýerli häkimiýet edaralarynda degişli ýöriteleşdirilen kanunlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan we hökümetiň kararlaryndan gelip çykýar. Halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda, döwletde demokratiýany çuňňur ornaşdyrmaklykda esasy orun ýerli häkimiýet edaralarynyň paýyna düşýär.Ýerli häkimiýet hukugy dersi döwletiň wekilçilikli edaralary hakyndaky ylmy eserleri, ylmy dokumentleri we maglumatlary talyplara çuňňur öwretmek bilen özygtyýarly döwletiň tutuş syýasy guramasynda ýerli häkimiýet edaralarynyň tutýan ornuny we roluny açyp görkezmekligi öz öňünde wezipe edip goýýar.

Awtor taýýarlanan okuw gollanmasynyň ýerli häkimiýet hukugy dersi we ylmy bilen gyzyklanýan talyp ýaşlaryň bilimlerini artdyrmaga ýardam eder diýip umyt edýär.

# Ýerli häkimiýet hukugy barada düşünje

## §1.Ýerli häkimiýet hukugy barada düşünje.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Halka daýanmak ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy, kesgitleýji şertidir” diýip aýdyşy ýaly biziň döwletimizde döwlet häkimiýet edaralarynyň işine halk köpçüligi giňden çekilýär. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen halkynyň hil taýdan täze durmuş derejesini üpjün etmäge gönükdirilen özgertmeleriň hukuk binýady hem berkden tutulýar. Döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň işi has-da demokratizasiýalaşdyrylýar. Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryň işiniň guralyşyna we onuň kanunçylyk esaslaryna döwlet tarapyndan aýratyn ähmiýet berilýär. Ýerli häkimiýet hukugy dersi hem beýleki hukugyň pudaklaryna mahsus bolşy ýaly belli bir jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşlerini kadalaşdyrýar. Her bir hukugyň pudagy özüniň öwrenýän predmeti boýunça tapawutlanýar. Şonuň üçin hem ýerli hakimiýet hukugynyň predmetini bilmek üçin onuň nähili jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşlerini düzgünleşdirýändigini anyklamaly. Ýerli häkimiýet hukugynyň esasy bir aýratyn tapawudynyň biri, bu hem, mundaky gatnaşyklar ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynda ýüze çykýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 77-nji maddasyna laýyklykda “Ýerli häkimiýet öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edýän wekilçilikli we

ýerine ýetiriji edaralardan ybaratdyr”. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda welaýatda, welaýat hukukly şäherde, etrapda, etrap hukukly şäherde agzalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň raýatlary tarapyndan dört ýyl möhlete saýlanýan wekilçilikli edaralar – halk maslahatlary döredilýär. Ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti: welaýatlarda – welaýat häkimleri, şäherlerde – şäher häkimleri, etraplarda – etrap häkimleri amala aşyrýarlar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralary emele getirýärler. Geňeşler etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň, geňeşlikleriň çäklerinde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarydyr. Geňeş öz işlerinde özbaşdakdyr (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 85-nji maddasy). Diýmek, Esasy Kanundan gelip çykyşy ýaly, halk öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar.

Ýerli häkimiýet hukugynyň predmetini düzýän gatnaşyklar özüniň häsiýetli aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Olar lokal, çäk häsiýetli gatnaşyklar.

Bu gatnaşyklaryň mazmuny kompleksleýin häsiýete eýedir, ýagny, ýerli durmuşyň ähli meselelerine ykdysady, býujet, maliýe, medeniýet, jemgyýetçilik tertibini goramak bilen baglylykda ýüze çykýar.

Ýerli häkimiýet hukuk gatnaşyklarynyň s u b ý e k t l e r i bolup:

- belli bir çäkde ýaşaýan halk hem-de ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary we ýerli oz-ozüňi dolandyryş edaralary çykyş edýär.

Şeýlelikde ýerli häkimiýet hukugy – yerli öz-özüňi dolandyryşy guramakda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkidýär hem-de düzgünleşdirýär.

## §2. Ýerli häkimiýet hukuk kadalary, hukuk gatnaşyklary we onuň subýektleri.

Ýerli häkimiýet hukugynyň kadalary diýip – ýerine ýetiriji ýerli häkimiýeti we ýerli öz-özüňi dolandyryşy guramaklygyň hem-de işini alyp barmaklygyň prosesinde döreýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaryň jemine aýdylýar. Şol kadalaryň jemi bilelikde ýerli häkimiýet hukugynyň pudagyny emele getirýär. Özüniň kadalaşdyrýan obýektleri boýunça ýerli häkimiýet hukugynyň kadalaryny şunuň ýaly görnüşlere bölmek bolýar:

1. Berkidiji kadalar – muňa halk häkimiýetiniň ýerli häkimiýete bolan gatnaşygy, ýerli öz-özüňi dolandyryşyň işiniň esaslary, ýerli öz-özüňi dolandyrşynyň kepillikleri we jogapkärçiligi.
2. Ygtyýar beriji kadalar – adatça wezipeli adamlara degişlidir.
3. Mejbur ediji kadalar – haýsy hem bolsa bir hereketi etmegi mejbur edýär.
4. Gadagan ediji kadalar – haýsy hem bolsa bir hereketi etmegi gadagan edýär.

Mysal üçin: Konstitusiýanyň esasynda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna berlen ygtyýarlyklaryny çäklendirmek gadagandyr.

Ýerli häkimiýet hukugynyň kadalary özüniň häsiýeti boýunça iki görnüşe bölünýärler :
1. Imperatiw kadalar.
2. Dispozitiw kadalar.
Imperatiw kadalar – hökmany ýerine ýetirilmäge degişli kadalardyr.
Mysal üçin: kanunyň kabul edilen gününden güýje girmegi hem imperatiw kada degişlidir.
Dispozitiw kadalar – ol hem hökmany ýerine ýetirilmeli kadalardyr, ýöne, hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerine saýlamaga bolan hukuk goýulýar.
Ýerli häkimiýet hukuk gatnaşyklary diýip, ýerli öz-özüňi dolandyryşy amala aşyrmaklyk prosessinden ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýerli häkimiýet hukugynyň kadalary tarapyndan düzgünleşdirilýän bölegine aýdylýar.
Ýerli häkimiýet hukuk gatnaşyklary özüniň mazmuny boýunça üç görnüşe bölünýär:
Ýerli öz-özüňi dolandyryşy gurnamaklyk bilen bagly gatnaşyklar.
Muňa bilim meselesi, dolandyryş çäk birlikleriniň, adyny, ýerini, üýtgetmeklik, ýerli öz-özüňi dolandyrmaklygyň gurluşy, olaryň jogapkärçilikleri.
Ýerli ilatyň durmuş üpjünçiligini amala aşyrmaklygyň halkyň gös-göni özüniň gatnaşmaklygy.
Muňa sala-salşygyň ýa-da saýlawlaryň üsti bilen halkyň durmuş üpjünçilik meseleleri bilen baglanyşykly ýagdaýlary çözmegi degişlidir.
Ýerli häkimiýet edaralarynyň döwlet tarapyndan berilen ygtyýarlyklary amala aşyrmaklygy.
Muňa, Türkmenistanýn Konstitusiýasyna laýyklykda ýerli häkimiýet edaralaryna berilen ygtyýarlyklary ýerine

ýetirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklar degişlidir.

Ýerli häkimiýet hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri hökmünde – fiziki şahslar (ýerli halk), edara görnüşindäki taraplar (döwlet edaralary), jemgyýetçilik birleşikleri degişlidir.

**§3. Ýerli häkimiýet hukugynyň çeşmeleri.**

Ýerli häkimiýet hukugynyň çeşmeleri – diýip, ýerli häkimýet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän hukuk namalaryň jemine aýdylýar. Olara şu aşakdaky kadalaşdyryjy hukuk namalaryny degişli edip bolar:

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy.
2. Mejlis tarapyndan kabul edilýän kanunlar.
3. Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary, kararlary.
4. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary we buýruklary.
5. Häkimleriň kabul edýän kararlary, geňeşleriň çözgütleri.

Ýerli häkimiýet hukugy esasan hem konstitusiýa hukugy, dolandyryş hukugy, zähmet hukugy, maliýa hukugy, raýat hukugy bilen berk arabaglanyşykda durýar.

## Ýerli häkimiýet hukugynyň umumy ýörelgeleri.

### §1. Ýerli häkimiýet hukugynyň umumy ýörelgeleri barada düşünje.

Ýerli häkimiýet hukugynyň umumy ýörelgeleri – diýip, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda hem-de beýleki kanunlarynda berkidilen belli bir çäkde ýaşaýan ilatyň öz-özüni dolandyryşyny guramaklykda we amala aşyrmaklykda esas bolup durýan başlangyçlara düşünilýär.

Ýerli häkimiýet hukugynyň ýörelgelerinde ýerli häkimiýeti ösdürmekdäki obýektiw kanunalaýyklyklaryň talaplary berkidilýär:
1. Türkmenistanyň ähli çäginde ýerli häkimiýeti düzmegiň hem-de onuň hereket etmeginiň ýeke täk esasyny kesgitleýär.
2. Ýeli häkimiýet hukugynyň nazary esasyny düzmek bilen ýörelgeler ýerli häkimiýetiň mazmunyny, onuň aratapawutlandyryjy häsiýetlerini we alamatlaryny açyk görkezýär.
3. Hereket edýän ýerli häkimiýet edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyna baha bermekde gözbaş bolup çykyş edýär.

## §2. Ýerli häkimiýet hukugynyň ýörelgeleriniň görnüşleri.

Ýerli häkimiýetiň umumy ýörelgeleri:
1. Kanunylyk, bileleşiklik, aýanlyk ýörelgeleri.
2. Raýatlaryň erkiniň göni beýan edilmekligi bilen wekilçilikli demokratiýanyň utgaşmaklygy ýörelgesi.
3. Adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek ýörelgesi.
4. Ýerli häkimiýetiň döwlet tarapyndan kepillendirilmekligi ýörelgesi.
Kanunylyk, bileleşiklik we aýanlyk ýörelgeleri – Geňeşiň işini guramaklykda esasy ýörelgelerdir. “Geňeş hakyndaky” Türkmenistanyň kanunynyň 5-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş öz işinde kanunylyk, bileleşiklik we aýanlyk ýörelgelerini gollanýar. Geňeş özüniň alyp barýan işleri we kabul eden kararlary barada ilaty yzygiderli habarly edip durýar. Umuman kanunylyk ýörelgesi döwleti

dolandyrmakda Baş Konstitusion ýörelge hasap edilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasynda: “Döwlet, onuň ähli edaralary we wezipeli adamlary hukuk hem konstitusion gurluş bilen baglydyr”.

Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralary öz işlerini wekilçilikli demokratiýanyň esasynda amala aşyrýar. Ýagny, ýerli ilat ýerli häkimiýet edaralaryny düzmäge işeňňir gatnaşýarlar. Mysal üçin: welaýat, welaýat hukukly şäherleriň, etrap, etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň agzalaryny, Geňeş agzalaryny saýlaýarlar.

Ýerli meseleleri çözmekde ýerli sala salşyklar hem geçirilip bilner. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 94-95-nji maddasyna laýyklykda sala salaşyklary geçirmek ählihalk hem-de ýerli häsiýete eýe bolup durýar. Ýerli sala salşyklary geçirmekligiň geňeşiň öz teklibi boýunça ýa-da degişli çäkde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan 4/1 (dörtden bir) böleginiň teklip etmegi boýunça Geňeş tarapyndan geçirilýär. Sala salşyklara Türkmenistanyň saýlaw hukugyna eýe bolan raýatlary gatnaşyp bilerler. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 89-njy maddasynda raýatlaryň saýlawlara gatnaşmaga bolan hukuklary şunuň ýaly beýan edilýär: “Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeş agzalarynyň saýlawlary ählumumy we deň saýlawlardyr. Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr, her saýlawçynyň bir sesi bar”.

Ýerli häkimiýet edaralaryny dolandyrmakda wekilçilikli hem-de gös-göni demokratiýanyň ulanylmaklygy döwletde raýatlaryň häkimiýeti dolandyrmaga gatnaşygyny ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar.

Adamyň hem-de raýatlaryň hukugyny we azatlyklaryny üpjün etmek ýörelgesi ilki bilen Türkmenistanyň Esasy kanunyndan gelip çykýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasyna görä “Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar.”

Adamyň we raýatyň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hemmeleriň dykgatyna ýetirilmegi zerur hasaplanylýar, bolmasa olar özüniň kabul edilen pursadyndan hereket etmäge degişli däldir.

Şol sebäpli hem adamlaryň hem raýatlaryň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň many mazmuny diňe bir ýokary döwlet edaralaryna degişli bolman eýsem ýerli demokratiýanyň hem möhüm alamaty bolup durýar. Raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmak ýerli derejede amala aşyrylýar. Ýagny olaryň zähmet, syýasy, durmuş, ykdysady, saglygy goraýyş, bilim, ýerden peýdalanmaklyk, söwda, ulag hem-de ilatyň beýleki hukuklary bilen baglanyşykly meseleler çözülmäge degişli bolup durýar. Şonuň üçin hem häzirki wagtda Türkmenistan döwletimizde Prezidentimiziň esasy alyp barýan işi, ýerlerde ilatyň hal-ýagdaýlaryny has-da gowulandyrmakdan ybarat bolup durýar. Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanamyzda obalaryň we şäherleriň ilatynyň durmuş şertlerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmekligiň esasy ýörelgeleri

“Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli Maksatnamasynda” öz beýanyny tapýar. Bu Maksatnamany üç tapgyrda durmuşa ornaşdyrmak meýilleşdirilýär. Milli Maksatnamany durmuşa ornaşdyrmakda hem esasy orun ýerli wekilçilikli edaralaryň paýyna düşýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň uzakdaky oba ýerlerini ösdürmek baradaky başlangyçlary hem döwlet syýasatynyň sosial taýdan gönükdirilendiginiň aýdyň subutnamasydyr. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň, Hazar deňziniň ýakasynda ýerleşen Esenguly etrabynyň, Daşoguz welaýatynda Ruhubelent etrabynyň, şeýle hem Lebap welaýatynyň tarp ýerlerinde döredilen täze Döwletli etrabynyň, Mary welaýatynyň Altyn sähra etrabynyň çäklerinde alnyp barylýan gurluşyklar–bularyň ählisi sosial-ykdysady reformalary amala aşyrmagyň ýolundaky anyk ädimlerdir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ýerli häkimiýet edaralary döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Olary şu aşakdakylardan hem görmek bolýar.

1. Öz ygtyýarlarynyň çäginde ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary hukuk namalaryny kabul edip bilýärler.

2. Şol hukuk namalarynyň döwletiň belli bir çäginde umumy hökmany güýji bar. Eger-de ýerine ýetirilmese kanuna laýyklykda jogapkärçilige getirýär.

3. Konstitusiýa laýyklykda ýerli edaralaryň ygtyýarlyklary doly kesgitlenilýär.

Ýerli häkimiýet edaralary Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýet hem dolandyryş edaralarynyň düzümine

girmeýär. Ýerli häkimiýet edaralarynyň öz işlerini ýokary döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen sazlaşykly ýola goýmaklary olaryň öňde goýan wezipelerini durmuşa geçirmäge oňaýly täsirini ýetirjekdigi şübhesizdir.

Türkmenistan döwletimizde ýerli häkimiýet edaralary düýpgöter täzeçe işlenilip düzüldi. Öz döwletimiziň gurluşyna milli, taryhy aýratynlyklaryna laýyklykda guraldy. Sebäbi her bir döwletde döwlet syýasatyny amala aşyrmakda ýerli häkimiýet edaralaryna aýratyn orun degişlidir. Ýerli edaralaryň öz işlerini jogapkärçilikli, kanuna laýyk alyp barmaklary Türkmenistan döwletimiziň ösmekliginde aýratyn täsiri bardyr.

## Ýerli häkimiýet edaralarynyň ulgamy we halkyň ýerli häkimiýeti amala aşyrmaga gatnaşygy

### §1. Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyna düşünje.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanda döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we biri-biri bilen sabyr takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler (Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasy). Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasyna (26.09.2008) laýyklykda ýerine ýetiriji häkimiýet hakynda gürrüň edilende şu ýerde bir zady bellemek zerur bolup durýar. Bu hem ýerine ýetiriji häkimiýet ulgamy bilen saýlaw esasynda öz wezipelerini eýeleýän wekilçilikli edaralaryň hereket edişiniň aýratynlyklary anyklaşdyryldy.

Türkmenistanda Ministrler Kabineti (Hökümet) ýerine ýetiriji we serenjam beriji edara bolmak bilen oňa Türkmenistanyň Prezidenti baştutanlyk edýär. Türkmenisanda ýerine ýetiriji häkimiýete Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (başlygy Türkmenistanyň Prezidenti), ministrlikler, pudaklar, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary bolan welaýat, etrap, şäher häkimlikleri degişli bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 89-njy maddasyndan gelip çykyşy ýaly, Türkmenistanda Prezident, Mejlisiň deputatlary, halk maslahatlarynyň we Geňeşiň agzalary ählumumy we deň saýlawlar esasynda halk tarapyndan saýlanylýarlar. Diýmek bularyň hemmesi wekilçilikli edaralaryň ulgamyny düzýär. Olar özaralarynda gatnaşyklaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda alyp barýarlar. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hem, Türkmenistanyň Prezidenti hem ýokary döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň düzümine girýär. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet ulgamy bolsa wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralardan ybarat bolup durýar. 2010-njy ýylyň maý aýynyň 18-ine kabul edilen "Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň ygtyýarlyklary, onuň işiniň tertibi, beýleki häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri, hojalygy dolandyrýan subýektler bilen özara gatnaşyklary doly berkidilýär. Bu kanunyň 1-nji maddasynda berkidilişi ýaly, Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýeti: welaýatlarda welaýat häkimleri, welaýat hukukly şäherlerde şäher häkimleri, etraplarda etrap häkimleri, etrap hukukly şäherlerde şäher häkimleri amala aşyrýarlar.

Häkimler Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleridir. Döwlet dolandyryşynyň ýerlerdäki edaralarynyň işine häkimler ýolbaşçylyk edýärler. Olar Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler.
Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde, welaýatda, welaýat hukukly şäherde, etrapda, etrap hukukly şäherde agzalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň raýatlary tarapyndan dört ýyl möhlete saýlanýan wekilçilikli edaralar – halk maslahatlary döredilýär. Ýerli halk maslahatlary öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda çäkleriň ykdysady, sosial we medeni taýdan ösüşiniň meselelerini çözmäge gatnaşýarlar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň IV bölümi ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň konstitusion esaslaryny özünde berkidýär. Oňa laýyklykda Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralary emele getirýärler. Geňeşler etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň, geňeşlikleriň çäklerinde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarydyr. Geňeş agzalary gös-göni raýatlar tarapyndan üç ýyl möhlete saýlanylýar.

## §2. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna geçirilýän saýlawlar.

Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna geçirilýän saýlawlar döwleti we jemgyýeti ösdürmegiň täze tapgyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanan demokratik

özgertmeleri durmuşa geçirmegiň ýolundaky möhüm ädimlerdir. Ýurdumyzda Geňeş agzalaryna geçirilýän saýlawlar möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäre hökmünde açyklyk we aýanlyk, giň bäsleşik ýagdaýynda geçirilýär. Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet durmuşyna işjeň gatnaşýanlygyny bu geçirilýän saýlawlaryň netijelerinde göz ýetirmek bolýar. 2009-njy ýylyň 26-njy iýulynda Geňeş agzalarynyň saýlawlary üstünlikli geçirildi. Türkmenistanda Saýlawlary we sala alşyklary geçirmek baradaky Merkezi toparyň maglumat bermegine görä, saýlawlaryň geçirilen güni ýurdumyzyň 1521 saýlaw uçastogynyň ählisinde saýlawçylaryň ýokary gatnaşygy hasaba alynan. Täze kanunçylyga laýyklykda, ilkinji gezek saýlawlara jenaýat iş ýörediş ýa dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunçylyk esasynda mejbur ediş çäresi ulanylýan adamlaryň saklanylýan ýerlerinde bolýan Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlary gatnaşdylar. Munuň özi ýurdumyzda adam hukuklarynyň ileri tutulýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşleriň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolan Geňeşiň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ählumumy deň we göni saýlaw hukugy esasynda her saýlaw okrugynda azyndan iki-üç dalaşgäriň bäsleşmegi bilen geçirilýär. Her saýlaw okrugyndan bir geňeş agzasy saýlanylýar. Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti üç ýyl. Geňeş agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär. Geňeş agzalarynyň saýlawlary üçin

şäherlerde, şäherçelerde we geňeşliklerde saýlawçylaryň sany takmynan deň bolan 5-11 saýlaw okruglary döredilýär. Her saýlaw okrugyndan bir Geňeş agzasy saýlanylýar. Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmeklik saýlawa 45-gün galanda başlaýar we 30-gün galanda tamamlanýar.

## Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk we territorial esaslary

### §1. Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk esaslary barada düşünje we onuň ösüşi.

Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň durmuşda hereket etmekligi üçin ýerli öz-öžüňi dolandyryşyň hukuk, çäk, guramaçylyk, maliýe we ykdysady esaslarynyň bolmaklygy zerurdyr. Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň hukuk esaslaryna Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Mejlisiň kabul edýän kanunlary we beýlekiler degişli bolup durýar. Şeýle hem ýerli häkimiýet edaralarynyň bölümleriniň düzgünnamalary hem-de ýerli edaralaryň işlerini guramaklykda peýdalanylýan hukuk kadalary degişlidir.

Garaşsyz Bitarap döwletimizde ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk esaslarynyň ösüşini birnäçe döwürlere bölüp öwrenmeklik mümkin:

1-nji döwür: Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk esaslarynyň ýaňy emele gelip başlan döwri. ( 1990-1994-nji ýyllar )

Bu döwürde ýerli häkimiýet edaralarynyň täze ýörelgelere esaslanyp işleriň guralyp başlan döwri.
2-nji döwür: Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk esaslaryny täzeden üýtgedip gurmak döwri ( 1995-2006-njy ýyllar )
3-nji döwür: Täze Galkynyş eýýamynda ýerli häkimiýet edaralarynyň kämil hukuk esaslarynyň düýbüniň tutulýan döwri. Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryşyň kämillik eýýamy- bu döwürde jemgyýetçilik durmuşyň üýtgemekligi hem-de döwlet häkimiýet edaralaryny has demokratizasiýalaşdyrmak maksady bilen birnäçe kanunlar kabul edilýär.( 2006-njy ýyldan häzirki döwüre çenli wagt )

Türkmenistanyň halky bolan biz, öz ykbalymyzy kesgitlemek baradaky mizemez hukugymyza esaslanyp, Watanymyzyň häzirki hem geijekki ykbaly üçin jogapkärdigimizden ugur alyp, ata babalarymyzyň agzybir, parahat, oňşukly ýaşamagy ündän wesýetlerine ygrarlydygymyzy beýan edip, milli gymmatlyklarymyzy we bähbitlerimizi gorap saklamagy, türkmen halkynyň beýik Garaşsyzlygyny, özygtyýarlygyny, hemişelik Bitaraplygyny pugtalandyrmagy maksat edinip, her raýatyň hukuklaryny hem azatlyklaryny kepillendirip, jemgyýetiň ebedi asudalygyny hem milli agzybirligini üpjün etmäge, halk häkimiýetiniň hem-de demokratik, hukuk we dünýewi döwletiniň esaslaryny berkerar etmäge çalşyp, 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Turkmenistanyň Esasy Kanuny kabul edildi.
Islendik döwletiň Konstitusiýalary ýaly Türkmenistanyň Konstitusiýasy hem türkmen döwletiniň jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň esaslaryny özünde berkidýär. Diýmek, Türkmenistanyň Konstitusiýasy ýerli häkimiýet

edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň baş hukuk binýady bolup durýar.

Mejlis Türkmenistanyň kanun çykaryjy häkimiýetini amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edaradyr. Mejlis 125 deputatdan ybarat bolup, olar saýlawçylarynyň sany takmynan deň bolan ýerli saýlaw okruglary boýunça bäş ýyl möhlet bilen saýlanylýarlar.

Mejlis aýry-aýry meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidentine kanun çykarmak hukugyny berip biler, ýöne soňra şol kanunlary taslamaklyk baradaky meselä Mejlis tarapyndan hökman garalmalydyr.

Mejlis aşakdaky meseleler boýunça kanun çykaryjylyk hukugyny hiç kime berip bilmez:

1) Konstitusiýany üýtgetmek;
2) jenaýat we dolandyryş kanunçylygy;
3) kazyýet önümçiligi.

2009-njy ýylyň 9-njy ýanwarynda kabul edilen "Türkmenistanyň Mejlisi hakynda" kabul edilen kanunyň 16-njy maddasyna laýyklykda Mejlisiň ygtyýarlyklaryna şular degişlidir:

1) kanunlary kabul etmek, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hem-de olara resmi düşündirişler bermek;

2) Mejlisiň Başlygyny, Mejlisiň Başlygynyň orunbasaryny saýlamak, olary wezipesinden boşatmak;

3) Mejlisiň komitetlerini we toparlaryny döretmek, üýtgedip guramak we ýatyrmak, olaryň düzümini tassyklamak, komitetleriň we toparlaryň başlyklaryny we orunbasarlaryny saýlamak hem-de olary wezipesinden boşatmak;

4) Türkmenistanyň Prezidentine aýry-aýry meseleler boýunça kanunlary çykarmak hukugyny bermek;

5) Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen kanunlary tassyklamak;

6) Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garamak;

7) Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça Ýokary kazyýetiň başlygyny, Baş prokurory, Içeri işler ministrini, Adalat ministrini wezipä bellemek we olary wezipeden boşatmak baradaky meselelere garamak;

8) kanun taslamalaryny işlemegiň ýyllyk we geljekki döwür üçin meýilnamalaryna garamak we tassyklamak;

9) Türkmenistanyň Döwlet býujetini we onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak baradaky meselä garamak;

10) döwlet sylaglaryny döretmek;

11) Türkmenistanyň Prezidentini döwlet sylaglary bilen sylaglamak, oňa harby atlary, tapawutlandyryş atlaryny dakmak;

12) döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Konstitusiýa laýyklygyny ýa-da laýyk däldigini kesgitlemek;

13) halkara şertnamalaryny tassyklamak we ýatyrmak;

14) ýurdy syýasy, ykdysady, durmuş taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryna we maksatnamalaryna garamak;

15) ählihalk sala salşyklaryny geçirmek hakyndaky meseleleri çözmek;

16) Türkmenistanyň Prezidentiniň, Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher wekilçilikli edaralarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny

bellemek;

17) Türkmenistanyň Döwlet serhedini we dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek meselelerini çözmek;

18) parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garamak;

19) ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň hem-de Geňeşleriň işine guramaçylyk-usullaýyn ýolbaşçylygy amala aşyrmak;

20) Konstitusiýada we kanunlarda Mejlisiň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözmek degişlidir.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň kabul edilmekligi bilen ýerli häkimiýet edaralarynyň hereket etmeginiň hukuk esaslary has-da kämilleşdirildi. Onuň esasynda 2010-njy ýylyň maý aýynda "Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda" Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun ýurdumyzda geçirilen konstitusion reformanyň netijesinde işlenilip taýýarlanyldy. Bu kanun "Häkimler hakyndaky" Türkmenistanyň kanunynyň binýadynda taýýarlanyldy. Täze "Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakynda" Türkmenistanyň kanuny resmi taýdan çap edilen gününden başlap öňki kanun özüniň hukuk güýjüni ýitirdi. Bu kanunda häkimleriň ýerli wekilçilikli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen özara gatnaşyklary hereket edýän kanunçylyga laýyklykda beýan edildi Umuman aýdanyňda bu kanunyň ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň işiniň kanunçylyk (hukuk) esaslaryny has-da kämilledirmekde ähmiýeti uludyr.

Bu kanundan başga-da ýerli häkimiýet we ýerli

wekilçilikli edaralaryň hukuk esaslaryny özünde berkidýän birnäçe kanunçylyk namalary hereket edýär. Olardan: “Etrap, şäher halk maslahaty hakynda” Türkmenistanyň kanuny (2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen), “Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda” Türkmenistanyň kanuny (2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen), “Welaýat halk maslahaty hakynda” Türkmenistanyň kanuny (2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen), “Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda” Türkmenistanyň kanuny (2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen), “Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda” Türkmenistanyň kanuny (2009-njy ýylyň 18-nji apreli), ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynyň kanunçylyk esaslary barada gürrüň gidende “Geňeş hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen), “Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (2009-njy ýylyň 18-nji apreli), “Arçynlar hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (2007-nji ýylyň 30-njy marty), “Daýhan hojalygy hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (2007-nji ýylyň 30-njy marty), “Daýhan birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (2007-nji ýylyň 30-njy marty) belläp geçmek bolar.

Bu kanunçylyk namalarynda berkidilen wezipeleriň ählisiniň kämil durmuşa ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, ýerli edaralaryň döwrebap işini guramaklykda möhüm ähmiýeti bardyr.

**§2. Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň çäk esaslary barada düşünje. Dolandyryş-çäk birlikleri we olary üýtgetmekligiň tertibi.**

2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň 1-nji maddasynda: "Türkmenistan-demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar.

Türkmenistan öz çäginde hökmürowandyr we bütin häkimiýete eýedir, ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we çägi bitewüdir hem bölünmezdir.

Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, çäk bütewiligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygyň berjaý edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär" diýlip berkidilişine görä, Türkmenistan döwlet dolandyryşynyň görnüşi boýunça prezident respublikasy, unitar döwlet we demokratik syýasy düzgünli döwletdir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasynda berkidilişi ýaly "Türkmenistan dolandyryş-çäk gurluşy boýunça welaýatlardan, welaýat hukukly şäherlerden, etraplardan, etrap hukukly şäherlerden, etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden, geňeşliklerden ybaratdyr."

"Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna,

guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 1-nji maddasynda beýan edilişi ýaly, welaýatlary, etraplary, şäherdäki etraplary, geňeşlikleri döretmek we ýatyrmak, ilatly ýerleri şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň derejesine degişli etmek, olaryň adyny üýtgetmek, dolandyryş-çäk gurluşynyň beýleki meselelerini çözmek Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar. Dolandyryş-çäk birlikleriniň adynyň dakylmagy, adynyň hem-de çäginiň üýtgedilmegi umumydöwlet bähbitleri, geografik, taryhy, milli, tebigy we beýleki ýerli şertler, şeýle hem ilatyň pikiri nazara alnyp amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň ilatly ýerleri şäher we oba ilatly ýerlerine bölünýär. Şäher ilatly ýerlerine şäherler we şäherçeler, oba ilatly ýerlerine obalar degişlidir. Şäherler derejesi boýunça welaýat, etrap hukukly we etrapdaky şäherlere bölünýär. (kanunyň 2-nji maddasy).

Ýokarda agzap geçen kanunymyzyň 4-nji we 5-nji maddalaryna laýyklykda ilatly ýerleri şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň derejesine degişli etmekligiň we dolandyryş-çäk düzümlerine, ilatly ýerlere we olaryň düzüm böleklerine at dakmak we olaryň adyny üýtgetmekligiň ýörite tertibi bar.

Welaýat hukukly şäheriň derejesine ilat sany 500 müň adamdan geçýän hem-de Türkmenistandaky ykdysady, syýasy we medeni merkezleriň biri bolan şäher degişli edilip bilner.

Etrap hukukly şäheriň derejesine ilat sany 30 müň adamdan geçýän hem-de welaýatdaky ykdysady, medeni

we edara ediş merkezleriň biri bolan şäher degişli edilip bilner.

Käbir ýagdaýlarda, etrap hukukly şäheriň derejesine senagat, durmuş-medeni we dolandyryş taýdan möhüm ähmiýetli, ykdysady hem durmuş ösüşiniň depgini we ilat sanynyň artyşy ýokary, ilat sany 30 müň adamdan az bolan etrapdaky şäher, şäherçe hem degişli edilip bilner.

Etrapdaky şäheriň derejesine, ilat sany 8 müň adamdan geçýän, senagat kärhanalary, gurluşyk we gatnaw guramalary, jemagat hojalygy, ýerli ýaşaýyş jaý gaznasy, durmuş-medeni edaralarynyň ulgamy, söwda hem durmuş hyzmatlarynyň kärhanalary bolan şäherçe degişli edilip bilner.

Käbir ýagdaýlarda etrapdaky şäheriň derejesine ykdysady ösüşiniň depgini we ilat sanynyň artyşy ýokary, ilat sany 8 müň adamdan az bolan şäherçe hem degişli edilip bilner.

Şäherçe derejesine, ilat sany 2 müň adamdan geçýän, çägi belli derejede rejeleşdirilen we abadanlaşdyrylan, öz çäginde senagat kärhanalary, gurluşyk we gatnaw guramalary, demir ýol bekedi, gidrotehniki desgalary, şypahanalary we beýleki ýatymlaýyn sagaldyş edaralary bolan oba degişli edilip bilner.

Käbir ýagdaýlarda şäherçe derejesine durmuş-ykdysady ösüşiniň depgini we ilat sanynyň artyşy ýokary, ilat sany 2 müň adamdan az bolan oba hem degişli edilip bilner.

Ilat sany 50 adamdan az bolmadyk, syýrgyn tutup, bir ýere çugdamlanan gurluşy bolan oturymly ilatly ýere oba derejesi berilýär.

Ilatly ýerler şäher, şäherçe we oba derejelerine degişli

edilende olaryň araçäkleri bellenilýär.

Welaýatlaryň, etraplaryň, şäherdäki etraplaryň, geňeşlikleriň ady, olar döredilen wagty dakylýar; şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň ady olara şol derejeler berlen wagty dakylýar.

Etrapdaky şaheriň, şäherçäniň, obanyň kwartallarynyň, şaýollarynyň, köçeleriniň, meýdançalarynyň, seýilgähleriniň we gaýry düzüm bölekleriniň ady - degişlilikdäki Geňeş tarapyndan, welaýat ýa-da etrap hukukly şäherde degişli halk maslahatynyň teklibi boýunça häkim tarapyndan dakylýar hem-de üýtgedilýär.

Dolandyryş-çäk düzümleriniň we ilatly ýerleriň taryhy atlarynyň üýtgedilmegine ýol berilmeýär.

Taryhy ady bolmadyk, şeýle hem täze döredilen dolandyryş-çäk düzümlerine we ilatly ýerlere, ilatyň pikirini nazara almak bilen, taryhy şahsyň, döwletiň rowaçlanmagyna, ykdysadyýetiň, ylmyň, medeniýetiň, sungatyň gülläp ösmegine aýratyn uly goşant goşan döwlet we jemgyýetçilik işgäriniň ady dakylyp bilner.

Ady üýtgetmek bilen baglanyşykly çykdajylar degişli býujetiň hasabyna amala aşyrylýar. Welaýatlara, etraplara, şäherlere, şäherdäki etraplara at dakylanda, olaryň ady üýtgedilende - Türkmenistanda, şäherçelere, geňeşliklere - welaýatda, obalara bolsa, etrapda öň bar bolan adyň dakylmagyna ýol berilmeýär. Çäginde poçta-telegraf gullugynyň edaralary, aeroportlar, deňiz portlary ýa-da demir ýol beketleri bolan ilatly ýerleriň ady üýtgedilende, ol barada degişli ministrlige, pudaklaýyn dolandyryş edarasyna öňünden habar edilip, soňra amala aşyrylýar.

Syýrgyn tutup, bir ýere çugdamlanan gurluşly we oturymly ilatynyň sany 50 adamdan az bolmadyk ilatly

ýerler döwlet tarapyndan bellige we hasaba alynmaga degişlidir. Dolandyryş-çäk düzümleriniň we ilatly ýerleriň döwlet tarapyndan hasaba, täze döredilenleriniň bellige alnyşy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen edara tarapyndan amala aşyrylýar. Dolandyryş-çäk düzümleriniň we ilatly ýerleriň hasabyny degişlilikde welaýat, Aşgabat şäher häkimlikleri ýöredýärler.

Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlaryna ser salsaň 2010-njy ýylda Türkmenistan boýunça jemi 5 welaýat, 1 welaýat hukukly şäher, 50 etrap, 15 etrap hukukly şäher, 9 etrapdaky şäherler, 5 şäherdäki etraplar, 77 şäherçeler, 646 geňeşlikler, 1929 oba bar.

## Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet.

### §1. Häkimler-döwlet baştutanynyň ýerlerdäki wekilleridir.

Öň hem belläp geçişimiz ýaly, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary kämil binýadyny Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan we „Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakyndaky“ Türkmenistanyň kanunyndan we beýleki kanunçylyk namalaryndan alyp gaýdýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji baby „Ýerli häkimiýet edaralary“ diýip atlandyrylýar.

Häkimler welaýatlarda, şäherlerde, etraplarda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýeti amala aşyrýarlar we olar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleridir.

Häkimler döwlet dolandyryşynyň ýerlerdäki edaralarynyň işine ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň

Ministrler kabinetiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler.

Häkim Türkmenistanyň Prezidentine hasabat berýär.

Etraplaryň we şäherleriň häkimleri degişli welaýatyň häkimine, şäherdäki etraplaryň häkimleri degişli şäheriň häkimine hem hasabat berýärler.

Häkimi, häkimiň orunbasarlaryny wezipesinden boşatmak üçin şular esas bolup durýar:

1) öz wezipelerini talaba laýyk ýerine ýetirmezligi;
2) wezipesi bilen bir ýere sygyşmaýan işlere baş goşmagy;
3) ýarawsyzlygy zerarly özüniň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy;
4) şahsy haýyşy
5) başga işe geçmegi
6) Türkmenistanyň raýatlygynyň ýatyrylmagy;
7) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki esaslar.

### §2. Häkimiň ygtyýarlygy.

„Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakyndaky“ Türkmenistanyň kanunynyň 7-nji maddasynda häkimleriň umumy ygtyýarlyklary kesgitlenilýär. Welaýatyň, etrabyň, şäheriň häkimi şu aşakdaky ygtyýarlyklardan peýdalanýarlar:

1. degişli çäkde durmuş-ykdysady we medeni ösüşiň milli maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleriň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär;

2. eýeçiligiň görnüşine we haýsy pudaga degişlidigine garamazdan, hojalygy dolandyrýan subýektleriň ilatyň harytlara we hyzmatlara bolan islegini kanagatlandyrmak,

degişli çägi ykdysady we durmuş taýdan toplumlaýyn ösdürmek, ýerli zähmet resurslaryny rejeli peýdalanmak we ilaty iş bilen üpjün etmek hem-de zähmeti goramak bilen baglanyşykly meseleler boýunça işini sazlaşdyrýar;

3. eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalar hem-de hojalygy dolandyrýan beýleki subýektler bilen olaryň harytlaryny/önümlerini/ we hyzmatlaryny /işlerini/ ýerli bazarlara çekmek üçin hojalyk şertnamalaryny baglaşmaga ýardam edýär, degişli çäkde öndürilýän harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň /işleriň/ hiline gözegçiligi amala aşyrýar.

4. degişli çäkde senagat, oba hojalyk desgalaryny, önümçilik hem-de durmuş infrastrukturanyň beýleki desgalaryny ýerleşdirmek, gurmak, durkuny täzelemek we ýöriteleşdirmek baradaky meselelere seretmäge ministrlikler, döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralary bilen bilelikde gatnaşýar;

5. degişli çäkde ýerden, ýerasty baýlyklardan, suwdan, tokaýlardan we atmosfera howasyndan, ösümlik hem-de haýwanat dünýäsinden, beýleki tebigy baýlyklardan oýlanyşykly peýdalanmak, olary goramak boýunça çäreler görýär we bu ugurda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde gözegçiligi amala aşyrýar;

6. degişli çäkde ýerleşýän, welaýatyň, etrabyň, şäheriň garamagynda duran obýektleri dolandyrýar;

7. öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamagyndaky döwlet eýeçiligindäki obýektleri hususylaşdyrmak, oba hojalyk kärhanalaryny üýtgedip guramak baradaky maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegini guraýar, orta we kiçi telekeçiligiň ösmegine ýardam edýär;

8. welaýatyň, etrabyň, şäheriň çägindäki döwlet

eýeçiliginde bolan obýektleri başga eýeçilige bermegi, özgertmegi we aýrybaşgalamagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar;

9. degişli çäkde ilaty durmuş taýdan goramak, weteranlaryň, maýyplaryň, köp çagaly, pes üpjünçilikli maşgalalaryň ýaşaýyş we durmuş şertlerini, mekdebe çenli ýaşly çagalar we umumy bilim berýän edaralaryň, internatlaryň, garrylar öýleriniň, sagaldyş we şypahana-dynç alyş edaralarynyň maddy taýdan üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär;

10. ministrlikler we döwlet dolandyryşynyň beýleki merkezi edaralary bilen bilelikde bilim, saglygy goraýş, medeni we sport, sosial üpjünçilik edaralaryny dolandyrmagy amala aşyrýar we olaryň maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmak boýunça çäreleri görýär; saglygy berkitmek hem-de keselleriň öňüni almak, ýaşaýşyň şertlerini gowulandyrmak we daşky gurşawy sagdynlaşdyrmak, ilatyň dynç alşyny guramak we syýahatçylygy ösdürmek baradaky maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk edýär; taryhy, medeni we tebigy ýadygärlikleri goramagy we olardan peýdalanmagy üpjün edýär;

11. degişli çäkde sanitariýa-epidemiologik, karantin we gigiýeniki çäreleriň geçirilmegini guraýar hem-de olara gözegçilik edýär; ekologik ýagdaý barada ilaty habarly edýär; tebigy betbagtçylyk, epidemiýa, epizootiýa we heläkçilik (awariýa) bolan ýagdaýynda olaryň ýetiren zyýanlaryny ýok etmek hem-de ilatyň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görýär; kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň töwerekdäki gurşawa howp

salýan we tebigatdan peýdalanmak baradaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagyna getirýän işini togtadýar;

12. ýaşaýş jaý gaznasyny ulanmagyň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertibiniň berjaý edilmegini, jemagat we ýol hojalygynyň obýektleriniň, söwda, jemgyýetçilik iýmiti hem-de durmuş hyzmaty kärhanalarynyň , elektrik, gaz we beýleki ulgamlaryň hem-de desgalarynyň, aragatnaşyk we gatnaw serişdeleriniň durnukly işlemegini üpjün edýär, ilatyň tebigy gaz, suw we elektrik energiýasy bilen üpjün bolmagy üçin çäreler görýär;

13. öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde harby çygyrdaky kanunçylygyň ýerine ýetirilmegini guraýar hem-de oňa gözegçilik edýär, degişli çäkde raýat goranyşyna ýolbaşçylyk edýär;

14. degişli çäkde raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, jemgyýetçilik tertibini we kanunylygy berkitmek boýunça döwlet edaralarynyň, eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň bilelikdäki hereketini we ylalaşykly işini üpjün etmek üçin çäreler görýär;

15. hukuk tertibiniň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýy, şol bozulmalara getirýän sebäpleri we şertleri ýok etmek boýunça çäreler barada degişli ýolbaşçylaryň hasabatlaryny yzygiderli diňleýär. Hukuk goraýjy we beýleki edaralar bilelikde hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýyny seljermek işini guraýar we degişli çäkde jenaýatçylygyň öňüni almak barada çäreler görýär;

16. polisiýanyň ýerli wekilleriniň ýaşulular we beýleki

jemgyýetçilik birleşikleri bilen hyzmatdaşlyk etmegine ýardam berýär;

17. dolandyryş-çäk gurluşynyň meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde teklipler girizýär;

18. häkimligiň işini guraýar we oňa gözegçilik edýär, häkimligiň hünärmenlerini hem-de beýleki işgärlerini wezipä belleýär we wezipesinden boşadýar, olaryň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlanylmagyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny guraýar;

19. häkim tarapyndan döredilýän toparlaryň işine gözegçiligi amala aşyrýar;

20. raýatlaryň ýüz tutmalaryna, tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna garaýar, degişli çäkdäki kärhanalarda, edaralarda we guramalarda bi işi guraýar;

21. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ygtyýarlyklarynyň çäginde beýleki meseleleri

**§3. Häkim tarapyndan kabul edilýän namalar.**

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň V babynyň 82-nji maddasynda “Häkimler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garamagyndaky ýerlerde ýerine ýetirilmegi hökmany bolan kararlary kabul edýärler.” „Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakyndaky“ Türkmenistanyň kanunynyň IV baby häkim tarapyndan kabul edilýän namalar doýlip atlandyrylýar. Onuň 7-nji maddasynda häkim öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna laýyklykda we olary ýerine ýetirmek üçin kararlar görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýär.

Häkimiň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna ters gelýän namalarynyň hukuk taýdan güýji ýokdur.

Häkimiň belli bir şahsa degişli we guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetindäki kararlary, şeýle hem gündelik meseleler boýunça onuň kabul edýän buýruklary kadalaşdyryjy hukuk namalary däldir.

Häkimiň kadalaşdyryjy häsiýetli, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna degip geçýän namalary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp kabul edilýär. Ol namalar Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige alnyp, ilatyň dykgatyna ýetirilen mahalyndan güýje girýär.

Häkimiň namalary raýatlaryň Türkmenistanyň Konstitusiýasy we kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenen hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirip, şeýle hem raýatlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk borçlary belläp bilmez.

Häkimiň namalary olara gol çekilen pursadyndan ýa-da namada görkezilen möhletinden güýje girýär. Muňa kadalaşdyryjy häsiýetli, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli namalar girmeýär.

Häkimleriň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ters gelýän namalary Türkmenistanyň kanunçylygyna

laýyklykda togtadylýar ýa-da ýatyrylýar.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet döwlet dolandyryşynyň merkezi edaralary, ýerli häkimiýetiň wekilçilikli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri we hojalygy dolandyrýan subýektler bilen özara gatnaşyklaryny hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ýola goýýar.

## Türkmenistanyň welaýat halk maslahaty

### §1. Welaýat halk maslahatynyň işiniň guralyşy.

“Welaýat halk maslahaty hakyndaky” Türkmenistanyň kanuny Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda welaýat halk maslahatlarynyň, olaryň düzümleriniň, wezipeli adamlarynyň we agzalarynyň işiniň hukuk esaslaryny we ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. “Welaýat halk maslahaty hakynda” Türkmenistanyň kanuny 2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda üýtgetmeler we goşmaçalar bilen, “Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda” Türkmenistanyň kanuny 2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda üýtgetmeler we goşmaçalar bilen kabul edildi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 78-nji maddasynda: Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde, welaýatda, welaýat hukukly şäherde, etrapda, etrap hukukly şäherde agzalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň raýatlary tarapyndan dört ýyl möhlete saýlanýan wekilçilikli edaralar – halk maslahatlary döredilýär diýlip kesgitlenilýär.

Halk maslahatlary öz ygtyýarlyklaryna laýyklykda çäkleriň ykdysady, sosial we medeni taýdan ösüşiniň

meselelerini çözmäge gatnaşýarlar. Welaýat halk maslahatlarynyň düzümleri 40 agzadan ybaratdyr. Welaýat halk maslahatlarynyň düzümine il içinde uly abraýdan we hormatdan peýdalanýan, halk maslahatlarynyň agzalygyna mynasyp diýlip saýlanylýan adamlar saýlanylýar. Welaýat halk maslahatlarynyň işi meseleleri erkin ara alyp maslahatlaşmaga we olary bileleşip çözmäge, aýanlyga, jemgyýetçilik pikiriniň hemişe nazara alynmagyna, onuň düzümleriniň we wezipeli adamlarynyň halk maslahatynyň öňünde jogapkärçiligine, hasabatlylygyna esaslanýar. Welaýat halk maslahatlary özüniň alyp barýan işleri hakynda ilaty yzygiderli habarly edip durýar.

Welaýat halk maslahatynyň işi mejlisler görnüşinde amala aşyrylýar. Welaýat halk maslahatynyň mejlisi zerur bolşuna görä, ýöne ýylda azyndan iki gezek halk maslahatynyň ýolbaşçysy tarapyndan çagyrylýar. Şeýle hem welaýat halk maslahatynyň ýolbaşçysy onuň agzalarynyň bellenen sanynyň ýarysyndan köpüsiniň talap etmegi bilen nobatdan daşary mejlisini çagyrmaga borçludyr. Eger welaýat halk maslahatynyň ýolbaşçysy haýsydyr bir sebäbe göra öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän bolsa, onda wagtlaýyn ýolbaşçy saýlamak meselesi boýunça welaýat halk maslahatynyň mejlisini çagyrmaga onuň kätibiniň haky bardyr. Welaýat halk maslahatynyň mejlisleri hakyndaky habar, onuň kabul eden kararlary ilatyň dykgatyna ýetirilýär. Welaýat halk maslahatynyň mejlisine onuň agzalarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarlydyr. Welaýat, halk maslahatynyň ýolbaşçylary degişli halk maslahatynyň mejlisinde halk maslahatynyň agzalaryndan açyk ses bermek arkaly

sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýarlar. Olar halk maslahatynyň ýolbaşçylary hökmünde degişlilikde welaýat, halk maslahatyna hasabat berijilerdir.

Welaýat halk maslahatynda diwan döredilýär. Diwan halk maslahatynyň işini guraýar, gündelik we gaýra goýulmasyz meselelere seredýär we çözýär.

Welaýat halk maslahatynyň diwanynyň mysaly düzümi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Welaýat halk maslahatynyň diwanyna halk maslahatynyň ýolbaşçysy baştutanlyk edýär.

Welaýat halk maslahatynyň mejlisinde teswirnama düzülýär. Ol teswirnama halk maslahatynyň ýolbaşçysy we kätibi gol çekýär.

Welaýat halk maslahaty özüne berlen ygtyýarlyklaryň çäginde kararlary kabul edýär. Welaýat halk maslahatynyň kararlary maslahat beriji häsiýetdedir.

Halk maslahatynyň kararlary onuň agzalarynyň bellenen sanynyň ýönekeý köplüginiň açyk ses bermegi arkaly kabul edilýär.

**§2. Welaýat halk maslahatynyň, halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklary.**

“Welaýat halk maslahaty hakyndaky” Türkmenistanyň kanunynyň 13-nji maddasyna laýyklykda welaýat halk maslahatynyň ygtyýarlyklaryna şular degişlidir: Türkmenistanyň kanunlarynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek;

öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan

tassyklanan maksatnamalarynyň berjaý edilişini üpjün etmek;
ýerli býujeti ara alyp maslahatlaşmak we onuň ýerine ýetirilişine ýardam bermek hem-de býujetiň ýerine ýetirilişi hakyndaky habary diňlemek;

çägi ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmek babatynda alnyp barylýan işler barada häkimiň ýyllyk habaryny diňlemek;

Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen halk maslahatlarynyň ygtyýarlaryna degişli edilen beýleki meseleler degişlidir.

Welaýat halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklaryna:

halk maslahatyna ýolbaşçylyk etmek;

halk maslahatynyň mejlislerinde başlyklyk etmek;

halk maslahatynyň kararlaryna we onuň mejlisleriniň teswirnamasyna gol

çekmek;

halk maslahatynyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine we etrap, şäher halk

maslahatlarynyň işine gözegçiligi, Geňeşleriň işine ýardam bermegi guramak;

Türkmenistanyň kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň, welaýat halk

maslahatynyň namalary bilen onuň berjaý etmegine degişli edilen beýleki

meseleleri çözmek degişlidir.

Welaýat halk maslahatynyň ýolbaşçysy buýruklar çykarýar.

**§3. Welaýat halk maslahatynyň agzasy.**

Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynda halkyň doly ygtyýarly wekilidir we ol halk maslahatynda halkyň erk-islegini we bähbitlerini aňladýar. Welaýat halk maslahatlarynyň agzasynyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakynda degişli halk maslahaty tarapyndan karar kabul edilenden soň başlanýar. Ol öz ygtyýarlyklaryny önümçilik ýa-da gulluk işinden arasyny üzmän amala aşyrýar. Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy halk maslahatynyň mejlislerinde bolmaga, onuň işine işeňňir gatnaşmaga borçludyr. Halk maslahatynyň agzasynyň onuň mejlislerinde:

halk maslahaty tarapyndan döredilýän düzümleri saýlamaga hem olara saýlanmaga;

ara alyp maslahatlaşylýan meselelere seretmegiň tertibi hem-de olaryň mazmuny barada teklipler girizmäge;

kararlaryň taslamalaryny we taslamalara düzedişleri girizmäge;

çykyp geplemelere gatnaşmaga, sorag bermäge;

öz girizýän tekliplerini esaslandyrmak üçin çykyş etmäge we düşündiriş bermäge haky bardyr.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy öz saýlaw okrugynda döwlet we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişi, döwlet hem-de jemgyýetçilik tertibiniň, raýatlaryň hukuklarynyň goralyşy, halkyň durmuş ýagdaýy hakynda, ilatyň isleglerini, pikirlerini we talaplaryny öwrenmek üçin döwlet edaralaryndan, eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan hojalygy ýörediji subýektleriň ählisinden zerur bolan maglumatlary almaga haklydyr. Zerur bolan mahalynda olaryň işini gowulandyrmak, ýüze çykarylan

kemçilikleri düzetmek, döwlet düzgün-nyzamyny we kanunçylygy bozmakda günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek hakynda teklipler girizýär, bu teklipler bolsa degişli wezipeli adamlar tarapyndan hökman garalmalydyr.
Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy halk maslahatynyň işine degişli meseleler boýunça degişli döwlet we jemgyýetçilik edaralarynyň, eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan hojalygy ýörediji subýektleriň wezipeli adamlary tarapyndan haýal edilmän kabul edilmek hukugyndan peýdalanýar.
Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy öz işi we halk maslahatynyň işi barada saýlawçylaryň öňünde ýylda iki gezek hasabat bermäge boçludyr. Halk maslahatynyň agzasynyň hasabaty ony halk maslahatynyň agzalygyna saýlan jemgyýetçilik guramalarynyň ýa-da saýlaw okrugynyň saýlawçylarynyň öz ýaşaýan ýerinde geçiren ýygnaklarynyň talap etmegi boýunça hem islendik wagtda geçirilip bilner.
Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy degişli halk maslahatyndan deslapdan razylyk alman işleýän (gulluk edýän) ýerinde wezipesinden boşadylyp bilinmez.
Welaýat halk maslahatlarynyň agzasynyň ygtyýarlyklary:

halk maslahatynyň agzasy barada kazyýetiň aýyplaw hökümi kanuny güýje giren

mahalynda;

onuň häkim, häkimiň orunbasary wezipesine bellenmegi;

onuň Türkmenistanyň raýatlygyndan çykanda ýa-da raýatlygyny ýitirende;

ol Türkmenistanyň çäginden başga ýere hemişelik ýaşamaga göçüp gidende;

onuň öz arzasy boýunça;

onuň näsaglygy sebäpli degişli halk maslahatynyň kabul eden karary esasynda

möhletinden öň ýatyrylýar.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzasy yzyna çagyrylyp bilner. Onuň üçin halk maslahatynyň agzasynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we kanunlaryny bozmagy, öz borçlaryny yzygiderli ýerine ýetirmezligi, il içinde abraýdan düşmegi esas bolup durýar.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzasyny yzyna çagyrmak hakyndaky meselä ony agzalyga saýlamaga hödürlän syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriň degişli edaralarynyň mejlislerinde, raýatlaryň ýygnaklarynda seredilýär we karar kabul edilýär.

Welaýat halk maslahatlarynyň agzasynyň özüni yzyna çagyrmak hakyndaky meselä seredýän mejlislere, ýygnaklara gatnaşmaga haky bardyr. Mejlisiň, ýygnagyň nirede we haçan geçiriljekdigi öňünden halk maslahatynyň agzasyna habar edilýär. Habar edilenden soň onuň mejlise, ýygnaga gelmezligi bu meselä garalmagyna päsgel bermeýär.

Ýygnagyň, mejlisiň karary degişli halk maslahatynyň mejlisinde seredilýär. Eger halk maslahatynyň agzasyny yzyna çagyrmak hakyndaky kararyň tarapyna halk maslahatynyň agzalarynyň umumy sanynyň üçden ikisi ses beren bolsa, şol karar kabul edilen diýlip hasap edilýär.

Ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan ýa-da yzyna çagyrylan halk maslahatynyň agzasynyň ýerine "Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda" Türkmenistanyň kanunynda bellenilen tertipde başga agza saýlanylýar.

Degişli halk maslahatynyň razylygy bolmasa, onuň agzasy jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga usul bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez.
Welaýat halk maslahatynyň agzasy barasynda jenaýat işini diňe Türkmenistanyň Baş prokurory kanunçylyga laýyklykda gozgap biler.
Welaýat halk maslahatynyň agzasyny jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da tussag etmek üçin Baş prokuror degişli halk maslahatyna teklipnama girizýär.
Teklipnama halk maslahatynyň agzasyna aýyplama bildirilmänkä ýa-da tussag etmäge rugsat berilmänkä girizilýär.
Welaýat halk maslahaty delillendirilen karar kabul edýär we bu barada Baş prokurora habar berýär.
Baş prokuror işiň derňelişiniň ýa-da garalyşynyň netijeleri hakynda halk maslahatyna habar bermäge borçludyr.

Welaýat halk maslahatynyň agzasyna onuň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň degişli halk maslahaty tarapyndan şahsyýetnama berilýär.
Welaýat halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan mahalynda, ol şahsyýetnamasyny degişli halk maslahatyna gaýtaryp berýär.

### §4. Welaýat halk maslahatynyň işini üpjün etmek.

"Welaýat halk maslahaty hakyndaky" Türkmenistanyň kanunynyň V baby "Welaýat halk maslahatynyň işini üpjün etmek" diýlip atlandyrylýar.
Welaýat halk maslahatlarynyň, onuň wezipeli adamlarynyň we agzalarynyň işini guramaçylyk, tehniki taýdan we gaýry üpjünçilik halk maslahatynyň diwany tarapyndan amala aşyrylýar.

Welaýat halk maslahatlarynyň diwanynyň işini halk maslahatynyň kätibi ugrukdyrýar. Kätip halk maslahatynyň mejlisinde onuň agzalarynyň bellenen sanynyň ýönekeý köplüginiň açyk ses bermegi bilen saýlanylýar. Kätip degişli halk maslahatynyň agzasy bolmalydyr.

Welaýat halk maslahatlarynyň kätibiniň ýolbaşçylygynda halk maslahatynyň işini üpjün etmek boýunça diwanyň esasy wezipeleri:

halk maslahatynyň mejlislerine, onuň beýleki çärelerine guramaçylyk, maddy-

tehniki taýdan hyzmat etmekden;

halk maslahatynda seredilmeli meseleleri taýýarlamagy üpjün etmekden,

taslamalary taýýarlamakdan ýa-da deslapdan gözden geçirmekden;

halk maslahatynyň mejlislerinde meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda aýdylan, şeýle hem şu meseleler boýunça raýatlardan gelip gowşan teklipleri we bellikleri hasaba almakdan we umumylaşdyrmakdan;

halk maslahatynyň resminamalaryny saklamagyň tertibini berjaý etmekden;

etrap, şäher halk maslahatlarynyň işine gözegçiligi guramagy, Geňeşleriň işine

ýardam bermegi üpjün etmekden;

halk maslahatynyň gündeki we derhal gaýragoýulmasyz meselelerine

seretmekden we çözmekden;

halk maslahatynyň işini üpjün etmek boýunça onuň diwanynyň berjaý etmegine

degişli edilen beýleki meseleleri çözmekden ybaratdyr.

## Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary barada düşünje.

### §1. Türkmenistanda saýlaw ulgamynyň esaslary. Saýlaw okruglary we saýlaw uçastoklary.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda welaýatlaryň, welaýat hukukly şäherleriň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralary bolan welaýat, Aşgabat şäher (mundan beýläk - welaýat) halk maslahatlarynyň agzalary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan her saýlaw okrugy boýunça dalaşgärleriň azyndan ikisinden ählumumy deň we göni saýlaw hukugynyň esasynda gizlin ses bermek bilen saýlanylýar.

Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary bir mandatly saýlaw okruglary boýunça geçirilýär. Her saýlaw okrugyndan bir agza saýlanylýar.

Saýlaw döwründe halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri erkin we deňhukukly görkezmek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, saýlaw möwsümi geçirilende ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň ygtyýarlylygynyň möhleti dört ýyldyr.

Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary ählumumy saýlawlardyr. Saýlawlaryň geçýän gününe çenli 18 ýaşyny dolduran Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, jynsyna, diline, bilimine, dine bolan garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da degişli däldigine garamazdan,

olaryň saýlaw hukugyny nähilidir birhili göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.
Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we kanunçylykda kesgitlenen jogapkärçilige getirýär.
Ähli saýlawçylar saýlawlara deň esaslarda gatnaşýarlar, her saýlawçynyň bir sesi bardyr.
Saýlawlar göni saýlawlardyr, halk maslahatynyň agzalary raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýarlar.
Saýlawlarda ses bermek gizlindir, saýlawçylaryň öz erkini ýüze çykarmaklaryna gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.
Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär we Türkmenistanyň çäklerinde bir senede geçirilýär. Saýlawlary bellemek hakyndaky karar welaýat, şäher halk maslahatlarynyň ygtyýarlylyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan üç aý galanda kabul edilýär.
Saýlawlaryň bolýan güni hakyndaky habar metbugatda çap edilýär.
Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryny syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we raýatlar toparlarynyň wekillerinden, harby bölümlerde harby gullukçylardan düzülýän degişlilikdäki saýlaw toparlary üpjün edýärler.
Saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller syýasy partiýalaryň welaýat, etrap we şäher edaralarynyň mejlislerinde (giňişleýin mejlisleri, geňeşleri), olaryň ilkinji

guramalarynyň ýygnaklarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, olaryň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda, raýatlaryň ýygnaklarynda, şeýle hem harby bölümlerde harby gullukçylaryň ýygnaklarynda görkezilip bilner.

Ýygnaga saýlawçylaryň azyndan 30-sy gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Ýygnagy ýa-da maslahaty açmazdan ozal, olaryň guramaçylary tarapyndan ýygnaga, maslahata gatnaşyjylary bellige almagyň jemleri esasynda onuň doly ygtyýarlylygy anyklanylýar.

Saýlaw toparlarynyň düzümine döwlet edaralarynyň wekilleri hem görkezilip bilner. Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk görmek we olary geçirmek bilen baglanyşykly çykdajylar ýerli býujetiň hasabyna amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň raýatlarynyň welaýat, şäher halk maslahatynyň agzasyny saýlamak we oňa saýlanmak, saýlawlaryň öň ýanynda wagyz alyp barmak hukugyny erkin durmuşa geçirmegine zorluk, aldaw, haýbat atmak ýa-da başga ýol bilen päsgel berýän adamlar, şeýle hem saýlaw resminamalaryny galplaşdyran, sesleri bilgeşleýin nädogry sanan ýa-da şu Kanunyň başga hili bozulmalaryna ýol beren saýlaw toparlarynyň agzalary kanunda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler. Halk maslahatyna agzalyga dalaşgär görkezilen hakynda görnetin ýalan we ony abraýdan gaçyrýan galp maglumatlary her hili ýol bilen ýaýradan adamlar hem jogapkärçilige çekilýär.

Dalaşgäriň özi tarapyndan şu kanun bozulan mahalynda, saýlaw topary onuň bellige alnandygy hakyndaky karary ýatyryp biler.

Saýlawlara taýýarlyk görülýän döwürde ýa-da saýlawlardan soň 15 günüň dowamynda saýlawlar hakyndaky kanunyň bozulandygy barada saýlaw toparlaryna ýa-da döwlet edaralaryna gelip gowşan arzalara bir hepdäniň içinde garalmalydyr, ýöne saýlaw gününe bir hepdeden az wagt galanda gelen arzalara saýlawlar gününden öňürti, saýlaw güni gelen arzalara bolsa haýal edilmän garalmalydyr.

**§2. Saýlaw toparlary. Saýlawçylaryň sanawlary. Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak.**

Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmekligi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

1) Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky
Merkezi topar;
2) welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň saýlaw toparlary;
3) etrap, şäher saýlaw toparlary;
4) uçastok saýlaw toparlary.

Uçastok saýlaw toparlarynyň ygtyýarlyklary halk maslahatynyň saýlanan agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň tamamlanýar.

Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar bu Kanunyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär.

Welaýatyň, Aşgabat şäheriniň saýlaw topary hemişe hereket edýän topardyr, ol Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan 9-13 adamdan ybarat edilip döredilýär. Käbir halatlarda toparyň düzümi üýtgedilip bilner.

Saýlawçylaryň hemmesine mälim bolar ýaly, saýlaw toparynyň düzümi halka ýetirilýär.
Dowlet, jemgyýetçilik edaralary, wezipeli adamlar saýlaw toparlarynyň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagyna ýardam etmäge, bellenilen tertipde olaryň işi üçin zerur bolan jaýlary, enjamlary, ulagy, habary we maglumatlary bermäge, saýlaw toparlarynyň öňde goýan meselelerine garamaga we oňa üç günden gijikdirmän jogap bermäge borçludyrlar.
Saýlaw toparlarynyň kararlaryna we hereketlerine welaýat halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärler we olaryň ynanylan adamlary, şeýle hem saýlaw tarapyndan ýokarda durýan saýlaw toparyna ýa-da kazyýete bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner.

**Saýlawçylaryň sanawlary.**

Saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw uçastogy boýunça düzülýär we oňa uçastok saýlaw toparynyň başlygy bilen kätibi gol çekýär. Uçastok saýlaw topary sanawy düzmek işine jemgyçilik wekillerini çekip biler. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary saýlawçylaryň hasaba alynmagyny üpjün edýärler hem-de saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek üçin zerur bolan degişli çäkde ýaşaýan saýlawçylar baradaky maglumatlary uçastok saýlaw toparyna berýärler. Harby bölümlerde bolýan harby gullukçy saýlawlaryň sanawlary, şeýle hem harby gullukçylaryň maşgala agzalary we beýleki saýlawçylar harby bölümleriň ýerleşýän sebitlerinde ýaşaýan bolsalar, olary bölümleriň serkerdeleriniň berýän maglumatlary esasynda düzülýär. Harby bölümleriň daşynda ýaşaýan harby gullukçylar

saýlawçylaryň sanawlaryna ýaşaýan ýeri boýunça umumy esaslarda girizilýär.
Şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda saýlawçylary şol edaralaryň ýolbaşçylarynyň berýän maglumatlary esasynda düzülýär.
Saýlawçylaryň familiýalary saýlawçylaryň sanawynda ses berlişini guramak üçin amatly bolan tertipde görkezilýär.
Saýlawçylaryň sanawyna saýlaw gününe çenli 18 ýaşy dolan, sanawyň düzülýän pursatyna çenli şol saýlaw uçastogynyň çäginde ýaşaýan we ses bermäge gatnaşmaga hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlary girizilýär.
Saýlawçy saýlawçylaryň sanawyna diňe bir saýlaw uçastogynda girizilip bilner.
Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak.
Welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleri görkezmek saýlawa 45 gün galanda başlanyp, 30 gün galanda tamamlanýar.
Saýlawlar gününe çenli 25 ýaşyny dolduran we dalaşgär görkezilmeginden öň soňky 10 ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatyna agzalyga dalaşgär edilip görkezilip bilner. Görkezilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgär görkezilip bilinmez. Şonda iş kesilenlik aýby aýrylandan ýa-da öz-özünden aýrylandan soň iň az döwür azyndan 5 ýyl bolmalydyr.
Raýatlaryň ýygnagy welaýat, etrap, şäher saýlow toparlarynyň teklibi boýunça çagyrylanda, olar ýygnak geçirmek üçin bellenen senä çenli 3 günden gijä galman şol saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan raýatlara ýygnagyň

geçirilýän ýeri, senesi we wagty hakynda umumy elýeter usul bilen habar berýärler. Raýatlaryň ýygnagyna saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan 200-si gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Ýygnaga gatnaşyjylar bellige alynmaga degişlidir. Raýatlaryň ýygnagyna gatnaşyjylaryň bellige alyş sanawlarynda olaryň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri görkezilýär.

Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärler degişli trap, şäher saýlaw topary tarapyndan bellige alynýar. Bellige almaklyk saýlawlara 35 gün galanda başlanýar we saýlawlara 25 gün galanda tamamlanýar.

Her saýlaw okrugynda halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň azyndan iki-üç sanysy bellige almak üçin hödürlenilýär. Halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karar halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri görkezmek baradaky ýygnaklaryň, mejlisleriň teswirnamalary hem-de görkezilen dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky razylyk hatlary bar bolan mahalynda kabul edilýär.

Etrap, şäher saýlaw topary welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň bellige alnandygy hakynda teswirnama düzýär, ol teswirnama dalaşgärleriň arzalary bilen bilelikde degişli etrap, şäher saýlaw toparynda saklanýar.

Etrap, şäher saýlaw topary welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna görkezilen dalaşgärleriň hemmesini kanunyň talaplaryna laýyklykda bellige almaga borçludyr. Bellige almakdan boýun gaçyrylandygy barada

üç gün möhletde ýokarda durýan saýlaw toparlaryna şikaýat edilip bilner.
Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgär diňe bir saýlaw okrugynda bellige alnyp bilner. Halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär edilip bellige alnanlaryň her birine degişli şahşyýetnama berilýär.
Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgär görkezilen adam haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýagdaýynda, ol dalaşgär edilip bellige alnan pursatyndan topardaky wezipesinden boşadylan diýlip hasap edilýär.
Etrap, şäher saýlaw topary welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň bellige alnandygy hakyndaky habary olar bellige alnandan soň dördünji günden gijä goýman halka ýetirýär, şunda welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleriň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, eýeleýän wezipesi ( käri ), işleýän we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

**§3. Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalşgärleriň işiniň kepillendirilmegi.**

Welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň etrap, şäher saýlaw toparlary tarapyndan bellige alnan wagtyndan beýläk saýlawyň öň ýanynda geçirilýän ýygnaklarda, maslahatlarda, mejlislerde, metbugatda, telewideniýe we radio arkaly çykyş etmäge deň hukuklary bardyr. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň we öz-özüňi dolandyryşyň ýerli edaralary, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary saýlawçylar bilen duşuşyklar guramakda, zerur düşündirişli hem habarly maglumatlary almakda halk maslahatynyň

agzalygyna dalaşgärlere ýardam etmäge borçludyrlar. Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär.
Welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär, degişli etrap, şäher saýlaw toparynyň razylygy bolmasa, jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez.
Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň üçe çenli ynanylan adamy bolup biler, olar saýlaw möwsümini geçirmekde oňa kömek berýärler, onuň halk maslahatynyň agzalygyna saýlanmagy ugrunda wagyz alyp barýarlar, döwlet edaralary we jemgyçilik birleşikleri, saýlawçylar bilen özara gatnaşyklarynda, şeýle hem saýlaw toparlarynda onuň bähbidini araýarlar.
Welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär bellige alnandan soň öz islegine görä, ynanylan adamlary kesgitleýär we olary bellige aldyrmak üçin degişli etrap, şäher saýlaw toparyna şolar hakda habar berýär. Ynanylan adamlar bellige alnandan soň, etrap, şäher saýlaw topary olara şahsyýetnama berýär. Halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgäriň saýlawa çenli islendik wagt ynanylan adamlaryny çalşyrmaga haky bardyr.
Ynanylan adam degişli saýlaw toparlarynyň düzümine girip bilmez. Ynanylan adamlaryň ygtyýarlygy saýlanylan welaýat, şäher halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň tamamlanýar.
Ähli raýatlara, syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň sýyasy, iş bitirijilik we şahsy sypatlaryny erkin hem-de hemme taraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak

mümkinçiligi, şeýle hem dalaşgäriň tarapyna ýa-da onuň garşysyna ýygnaklarda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde wagyz alyp barmak hukugy berilýär.
Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärler öz saýlawçylary bilen duşuşyklary ýygnaklarda, saýlawçylar üçin amatly bolan başga görnüşde hem geçirýärler. Saýlawçylaryň ýygnaklaryny etrap, şäher saýlaw topary ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň degişli edaralary bilen bilelikde guraýar. Ýygnaklaryň we duşuşyklaryň geçýän wagty hem-de ýeri hakynda saýlawçylara öňünden habar berilýär. Saýlaw güni wagyz geçirilmegine ýol berilmeýär.

**§4. Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi.**

Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary geçirilende ses bermegiň wagty Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan bellenilýär. Uçastok saýlaw topary haýsy wagtda we haýsy ýerde ses berilmelidigini saýlawlara çenli azyndan on gün galanda saýlawçylara habar berýär. Sanawa girizilen saýlawçylaryň hemmesi ses beren mahalynda uçastok topary islendik wagt ses bermek tamamlandy diýip yglan edip biler hem-de Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan bellenilen ses bermegiň gutarylmaly wagtyndan ozal sesleri sanamaga girişip biler.
Ses bermek işi ýörite bellenilen jaýlarda geçirilýär, olarda gizlin ses berer ýaly enjamlaşdyrylan aýmançalaryň ýa-da otaglaryň sany ýeterlik bolmalydyr, saýlaw býulletenleriniň berilýän ýerleri anyklanylmalydyr we saýlaw gutulary

goýulmalydyr. Saýlaw gutulary goýlanda ses berýänler olaryň ýanyna barýarka gizlin ses berilýän aýmançalaryň ýa-da otaglaryň üstünden hökman geçer ýaly edilip goýulýar.
Saýlaw býulletenini ses berýän adam gizlin ses berilýän aýmançada ýa-da otagda doldurýar. Býulleten doldurylanda şol ýerde ses berýänden başga adamyň bolmagy gadagandyr. Doldurylan býulleteni ses berýän adam saýlaw gutusyna atýar.
Eger, saýlaw güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçylaryň ( iş saparyna, zähmet rugsadyna gitmegi, kesel bejeriş edarasyna iberilmegi we başga halatlar ) welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna sese goýulan dalaşgärler barada özüniň erk-islegini uçastok saýlaw toparyna öňünden beýan etmäge haky bardyr.
Saylaw uçastogynda welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň her biri boýunça aýratynlykda sanalýar. Saýlaw gutularyny uçastok saýlaw toparynyň başlygy ses bermek tamamlandy diýip yglan edenden soň, şol saýlaw topary açýar, ondan öň gutulary açmak gadagandyr. Topar saýlaw gutularyndaky býulletenler esasynda:

ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň umumy sanyny;

welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň her biriniň tarapyna

berlen sesleriň hem-de olara garşy bolup berlenseslerin sanyny;

dalaşgärleriň ählisiniň garşysyna berlen sesleriň sanyny;

hakyky däl diýlip ykrar edilen býulletenleriň we kagyzçalaryň sanyny

takyklaýar.

Bellenen nusgada bolmadyk saýlaw býulletenleri we kagyzçalary hakyky däl diýlip hasap edilýär. Saýlaw býulletenleriniň hakykylygy barada şübhe dörese, meseläni uçastok saýlaw topary sese goýmak arkaly çözýär.

Sesleri sanamagyň netijesine uçastok saýlaw toparynyň mejlisinde garalýar we ol her bir saýlaw uçastogy boýunça aýratyn düzülýän teswirnama girizilýär. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler hem-de ol haýal edilmän etrap, şäher saýlaw toparyna iberilýär.

Saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň netijesini uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda etrap, şäher saýlaw topary öz mejlisinde takyklaýar.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsiniň sesini alan welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Eger saýlawlara saýlawçylaryň sanawyna girizilen saýlawçylaryň ýarysyndan az bölegi gatnaşan bolsa, şeýle hem okrug boýunça halk maslahatynyň agzalygyna iki dalaşgär bellige alnyp, olardan biri aradan çykan bolsa, etrap, şäher saýlaw topary saýlaw geçirilmedi diýip hasap edip biler.

Sesleri sanamagyň netijesine görä etrap, şäher saýlaw topary halk maslahatynyň agzalygyna her saýlaw okrugy boýunça saýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama düzýär. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler.

Welaýat, şäher hem-de saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň netijesi degişli welaýat, Aşgabat şäher saýlaw

topary tarapyndan saýlawlaryň bolan gününden soň bäşinji günden gijä galdyrylman yglan edilýär. Habarda şu zatlar görkezilýär:

saýlawçylaryň sanawyna girizilen raýatlaryň umumy sany;

ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany;

her bir dalaşgäriň tarapyna we garşysyna berlen sesleriň sany;

dalaşgärleriň ählisiniň garşysyna berlen sesleriň sany;

hakyky däl býulletenleriň we kagyzçalaryň sany;

welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna saýlananlaryň sanawy;

ady, atasynyň ady, familiýasy, eýeleýän wezipesi ( käri ),işleýän we ýaşaýan ýeri

elipbiý tertibinde görkezilýär.

Saýlanan welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hakyndaky meselä welaýat, şäher halk maslahatynyň mejlisinde garalýar.

**§5. Gaýtadan ses bermek. Gaýtadan geçirilýän saýlawlar we çykyp giden welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ýerine saýlawlar geçirmek.**

**Gaýtadan ses bermek.**

Eger saýlaw okrugy boýunça welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalygyna üç we ondan hem köp dalaşgär sese goýlan bolsa we olaryň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa, onda etrap, şäher saýlaw topary has köp ses alan dalaşgärleriň ikisi boýunça okrugda gaýtadan ses bermegi geçirmek hakynda karar kabul edýär. Şeyle karar hakynda

uçastok saýlaw toparlary okrugyň saýlawçylaryny habarly edýärler.
Saýlaw okrugynda gaýtadan ses bermek işi kanunyň talaplaryny berjaý etmek bilen, iki hepdeden gijä galynman geçirilýär.
Gaýtadan ses berlende saýlawçylaryň ses bermäge gatnaşanlarynyň sesleriniň beýleki dalaşgärlere garanda has köpüsini alan welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.
Dalaşgärleriň biri dürli sebäplere görä çykyp giden halatynda halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň galan beýlekisi boýunça gaýtadan ses berilýär. Eger ol ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alsa, ol saýlanylan diýlip hasap edilýär.

**Gaýtadan geçirilýän saýlawlar.**

Eger saýlaw okrugy boýunça saýlawlar geçirilmedik ýa hakyky däl diýlip ykrar edilen bolsa, ýa-da gaýtadan ses berilmegi welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalygyna kimiň saýlanylandygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermedik bolsa, degişli welaýat, Asgabat şäher saýlaw topary gaýtadan saýlawlary geçirmek barada karara gelýär we bu işi ýöla goýýar. Şunda saýlawlary etrap, şäher, uçastok saýlaw toparlarynyň täze düzüminiň geçirmegi baradaky karara gelnip bilner. Ses bermek şol bir saýlaw uçastoklarynda we umumy saýlawlary geçirmek üçin düzülen saýlawçylaryň sanawlary boýunça geçirilýär.
Gaýtadan geçirilýän saýlawlar umumy saýlawlardan soň iki aý möhletden gijikdirilmän geçirilýär. Saýlawlary gaýtadan geçirilýändigi hakynda okrugyň saýlawçylary habardar edilýärler.

Çykyp giden welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ýerine saýlawlar geçirmek.

Halk maslahatyň agzalary möhletinden öň çykyp giden mahalynda degişli saýlaw okrugynda welaýat, şäher halk maslahatynyň agzasynyň çykyp giden pursatyndan beýläk üç aý içinde täze saýlawlar geçirilýär. Degişli welaýat, şäher saýlaw topary saýlawlaryň geçirilmegine azyndan iki aý galanda onuň geçjek gününi belleýär we kanunyň talaplaryny berjaý etmek arkaly ol işi ýola goýýar.

Ygtyýarlylyk möhletiniň tamamlanmagyna alty aýdan az wagt galanda halk maslahatynyň agzasy çykyp giden wagtynda, onuň ýerine täze agzanyň saýlawlary geçirilmeýär.

**§6. Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny möhletinden öň bellemek.**

Ýurdy ösdürmegiň syýasy we durmuş-ykdysady talaplary bilen baglanşykly halatlarda, şeýle hem döwletde we jemgyýetde bolup geçýän özgertmelere uly itergi bermäge zerurlyk bolan ýagdaýlarynda welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary möhletinden öň, olaryň ygtyýarlyklarynyň möhleti dolmazdan ozal geçirilip bilner. Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň möhletinden öň geçirilmegi saýlawlary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär we kanuna laýyklykda geçirilýär.

Täze döredilen welaýatda halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar onuň döredilen gününden beýläk iki aý möhletden gijä goýman belleýär we şol saýlawlar kanuna laýyklykda geçirilýär

Welaýat saýlaw toparynyň düzümi Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan tassyklanylýar.
Saýlaw okruglary we uçastoklary Türkmenistanyň “Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary hakynda” kanuna laýyklykda döredilýär.
Etraplaryň, şäherleriň häkimleri saýlaw okruglarynyň we uçastoklarynyň sanawyny halka ýetirýär, şunda olaryň araçäkleri we merkezleri görkezilýär, saýlaw toparlarynyň hem-de ses berilmeli jaýlaryň nirede ýerleşýändigi saýlawçylara mälim edilýär.

## Türkmenistanyň etrap, şäher halk maslahaty

### §1. Etrap, şäher halk maslahatynyň işiniň guralyşy.

Etrap, etrap hukukly şäher halk maslahatlary ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaraiary bolup, olar ýerlerdäki guramalarydyr. Olaryň ygtyýarlyklary, işiniň tertibi “ Etrap, şäher halk maslahaty hakyndaky ” Türkmenistanyň kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kesgitlenilýär.
Etrap, şäher halk maslahatlarynyň düzümleri 20 agzadan ybaratdyr.
Etrap, şäher halk maslahaty özüniň alyp barýan işleri hakynda ilaty yzygiderli habarly edip durýar. Etrap, şäher halk maslahaty öz işini jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda guraýar. Etrap, şäher halk maslahatynyň işi mejlislergörnüşinde amala aşyrylýar. Etrap, şäher halk maslahaty zerur bolşuna görä, ýöne ýylda azyndan iki gezek ýerli halk maslahatynyň ýolbaşçysy tarapyndan

çagyrylýar. Etrap, şäher halk maslahatynyň mejlisine onuň agzalarynyň bellenen sanynyň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarlydyr.

Etrap, şäher halk maslahatynda diwan döredilýär. Diwan halk maslahatynyň işini guraýar, gündeki we goýulmasyz meselelere seredýär we çözýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň mejlisinde teswirnama ýöredilýär. Ol mejlisiň teswirnamasyna halk maslahatynyň ýolbaşçysy we kätibi gol çekýär.

Etrap, şäher halk maslahaty şu we beýleki kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen özüne berlen ygtyýarlyklaryň çäginde kararlary kabul edýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň kararlary onuň agzalarynyň bellenen sanynyň ýönekeý köplüginiň açyk ses bermegi arkalykabul edilýär.

**§2. Etrap, şäher halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklary.**

Etrap, şäher halk maslahatlarynyň ygtyýarlyklaryna:

Türkmenistanyň kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, welaýat halk maslahatynyň namalarynyň ýerine ýetrilşini üpjün etmek;

öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan maksatnamalaryň berjaý edilişini üpjün etmek;

ýerli býujeti tassyklamak we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hem-de býujetiň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak;

öz çäginde döwlet we zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilşini, döwlet hem-de jemgyýetçilik tertibiniň,

raýatlaryň hukuklarynyň goralyşyny, halkyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmakhakynda yzygiderli alada etmek we ilatyň isleglerini, pikirlerini hem talaplaryny öwrenip we olardan netije çykaryp, olar barada welaýat halk maslahatyna maglumat bermek;

halk maslahatynyň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hem-de şu Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda olaryň ygtyýarlyklaryny ýatyrmak;

öz çägindäki Geňeşleriň işine gözegçilik etmek;

Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen etrap, şäher halk maslahatlarynyň ygtyýarlaryna degişli edilen beýleki meseleler degişlidir.

Etrap, şäher halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklaryna:

halk maslahatyna ýolbaşçylyk etmek;

halk maslahatyň mejlislerinde başlyklyk etmek;

halk maslahatynyň kararlaryna we onuň mejlisleriniň teswirnamasyna gol çekmek;

halk maslahatynyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine we Geňeşleriň işine gözegçiligi guramak;

Türkmenistanyň kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň, welaýat halk maslahatynyň namalary bilen onuň berjaý etmegine degişli edilen beýleki meseleleri çözmek degişlidir.

Halk maslahatynyň ýolbaşçysy buýruklar çykarýar.

**§3. Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasy.**

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasy halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasynda halkyň doly ygtyýarly wekilidir we ol halk maslahatynda halkyň erk-islegini we bähbitlerini aňladýar. Etrap, şäher halk

maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary şu kanun bilen kesgitlenilýär.
Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary olary ykarar etmek hakynda degişli halk maslahaty tarapyndan karar kabul edilenden soň başlanýar. Ol öz ygtyýarlyklaryny önümçilik ýa-da gulluk işinden arasyny üzmän amala aşyrýar.
Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasy halk maslahatynyň mejlislerinde bolmaga, onuň işine işeňňir gatnaşmaga borçludyr.
Halk maslahatynyň agzasynyň onuň mejlislerinde:
halk maslahaty tarapyndan döredilýän düzümler isaýlamaga hem olara saýlanmaga; ara alyp maslahatlaşylýan meselelere seredilmegiň tertibihem-de olaryň mazmuny barada teklipler girizmäge; kararlaryň taslamalaryny we taslamalara düzedişleri girizmäge; çykyp geplemelere gatnaşmaga, sorag bermäge;
öz girizýän tekliplerini esaslandyrmak üçin çykyş etmäge we düşündiriş bermäge
haky bardyr.
Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasy halk maslahatyndan deslapdan razylyk alman işleýän ( gulluk edýän ) ýerinde wezipesinden boşadylyp bilinmez.
Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary:
halk maslahatynyň agzasy barada kazyýetiň aýyplaw hökümi kanuny güýje giren mahalynda;
ol Türkmenistanyň raýatlygyndan çykanda ýa-da raýatlygyny ýitirende;
ol Türkmenistanyň çäginden başga ýere hemişelik ýaşamaga göçüp gidende;
onuň öz arzasy boýunça;

onuň näsaglygy sebäpli degişli halk maslahatynyň kabul eden karary esasynda
möhletinden öň ýatyrylýar.

Degişli halk maslahatynyň razylygy bolmasa, onuň agzasy jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga usul bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasy barasynda jenaýat işini diňe ýokarda duran prokuror kanunçylyga laýyklykda gozgap biler.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasyna onuň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň şahsyýetnama berilýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasynyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylan mahalyndan, ol şahsyýetnamasyny degişli halk maslahatyna gaýtaryp berýär.

## §4. Etrap, şäher halk maslahatynyň işini üpjün etmek.

Etrap, şäher halk maslahatynyň, onuň wezipeli adamlarynyň we agzalarynyň işini guramaçylyk, tehniki taýdan we gaýry üpçünçiligi halk maslahatynyň diwany tarapyndan amala aşyrylýar.

Halk maslahatynyň diwanynyň işini halk maslahatynyň kätibi ugrukdyrýar. Etrap, şäher halk maslahatynyň kätibi halk maslahatynyň mejlisinde onuň agzalarynyň bellenen sanynyň ýönekeýköplüginiň açyk ses bermegi bilen saýlanylýar. Kätip degişli halk maslahatynyň agzasy bolmalydyr. Etrap, şäher halk maslahatynyň kätibiniň ýolbaşçylygynda halk maslahatynyň işini üpjün etmek boýunça onuň diwanynyň esasy wezipeleri:

halk maslahatynyň mejlislerini geçirmäge taýýarlyk görmekden, olaryň gün tertibine degişli bolan teklipleri işläp taýýarlamakdan; halk maslahatynyň mejlislerini we beýleki çärelerini guramaçylyk, maddy-tehniki taýdan üpjün etmegi guramakdan; halk maslahatynda seredilmeli meseleleri taýýarlamagyüpjün etmekden, taslamalary taýýarlamakdan ýa-da deslapdan gözden geçirmekden;
halk maslahatynyň mejlislerinde meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda aýdylan, şeýle hem şu meseleler boýunça raýatlardan gelip gowşan teklipleri we bellikleri hasaba almakdanwe umumylaşdyrmakdan; halk maslahatynyň resminamalaryny saklamagyň tertibini berjaý etmekden; etrapdaky, şäherdäki Geňeşleriň işine gözegçilik etmekden; halk maslahatynyň gündeki we derhal gaýragoýulmasyz meselelerine garamakdan we çözmekden; halk maslahatynyň işini üpjün etmek boýunça halk maslahatynyň diwanynyň berjaý etmegine degişli edilen beýleki meseleleri çözmekden ybaratdyr. Etrap, şäher halk maslahatlarynyň çykdajylary degişli býujetlerde nazarda tutulýar.

## Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary barada düşünje.

### §1. Saýlaw ulgamynyň esaslary.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy bolan halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ähl umumy, deň we göni saýlaw hukugy esasynda, her saýlaw okrugynda azyndan iki-üç sany dalaşgäriň bäsleşmegi bilen geçirilýär.

Saýlaw döwründe halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri erkin we deňhukukly görkezmek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, saýlaw möwsümi geçirilende ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.
Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň ygtyýarlygynyň möhleti dört ýyldyr. Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary ählumumy saýlawlardyr. Saýlawlaryň geçýän gününe çenli 18 ýaşyny dolduran Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga we saýlanmaga hukugy bardyr.
Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, jynsyna, diline, bilimine, dine bolan garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlaw hukugyny nähilidir birhili göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär. Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we kanunçylykda kesgitlenen jogapkärçilige getirýär.

**§2. Saýlaw okruglary we saýlaw uçastoklary.**

Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary üçin etraplarda we şäherlerde çäginde saýlawçylarynyň sany takmynan deň bolan 20 sany saýlaw okruglary döredilýär.
Saýlaw okruglary saýlawlara çenli azyndan 55 gün galanda degişli etrabyň, şäheriň saýlaw topary tarapyndan döredilýär we saýlaw okruglarynyň araçäkleri hem-de merkezi görkezilen sanawy şol möhletde halka ýetirilýär.

Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary geçirilende ses bermegi geçirmek we sesleri sanamak üçin etraplaryň, şäherleriň çägi saýlaw uçastoklaryna bölünýär
Saýlaw uçastoklary saýlawlara çenli azyndan 45 gün galanda döredilýär. Harby bölümlerde, şeýle hem uzak we barmasy kyn ýerlerde hem saýlaw uçastoklary şol möhletde döredilýär, aýratyn halatlarda bolsa, saýlawlara szyndan bäş gün galanda döredilýär. Saýlaw uçastoklary 20 adamdan 3000 adama çenli saýlawçy sany bilen döredilýär, aýratyn halatlarda saýlawçysynyň sany 20-den az bolan saýlaw uçastoklarynyň döredilmegine hem ýol berilýär.
Etrap, şäher saýlaw topary uçastok saýlaw toparynyň we ses beriljek jaýlaryň ýerleşýän ýerini görkezmek bilen her bir saýlaw uçastogynyň araçägi hakynda habar bermek işini ýola goýýar.

**§3. Saýlaw toparlary. Saýlawçylaryň sanawlary.**

Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek üçin şu aşakdaky saylaw toparlary döredilýär:
etraplaryň, şäherleriň saýlaw toparlary;
uçastok saýlaw toparlary.
Bu görkezilen toparlaryň ygtyýarlyklary, saýlanan halk maslahatynyň agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň tamam bolýar.
Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça etraplaryň, şäherleriň saýlaw toparlary degişlilikdäki halk maslahaty tarapyndansaýlawlara cenli azyndan 60 gün galanda 11-15 adamdan ybarat edilip döredilýär. Käbir halatlarda toparyň san düzümi üýtgedilip bilner.

Uçastok saýlaw toparlary degişlilikdäki etrap, şäher saýlaw toparlary tarapyndan, saýlawa çenli azyndan 40 gün galanda 5-13 adamdan ybarat edilip döredilýär. Zerur bolan halatlarda uçastok toparlaryny saýlawa çenli azyndan bäş gün galanda döretmäge hem-de adam sanyny iň az möçberde – üç adam möçberinde edip döretmäge ýol berilýär.
Etrap, şäher, uçastok saýlaw toparynyň başlygy, başlygynyň orunbasary we kätibi degişli toparyň birinji mejlisinde saýlanýar we onuň bu baradaky karary halka ýetirilýär.
Saýlaw toparlarynyň kararlaryna we hereketlerine etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärler we olaryň ynanylan adamlary, şeýle hem saýlawçylar tarapyndan ýokarda durýan saýlaw toparyna ýa-da kazyýete bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner.
Saýlawçylaryň sanawlary. Saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw uçastogy boýunça düzülýär we oňa uçastok saýlaw toparynyň başlygy bilen kätibi gol çekýär. Uçastok saýlaw topary sanawy düzmek işine jemgyýetçilik wekillerini çekip biler.
Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary saýlawçylaryň hasaba alynmagyny üpjun edýärler hem-de saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek üçin zerur bolan degişli çäkde ýaşaýan saýlawçylar baradaky maglumatlary uçastok saýlaw toparyna berýärler.
Saýlawçylaryň sanawyna saýlaw gününe çenli 18 ýaşy dolan, sanawyň düzülýän pursatyna çenli şol saýlaw uçastogynyň çäginde ýaşaýan  we ses bermäge gatnaşmaga hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlary girizilýär.

Saýlawçylaryň sanawlary saýlawlara on gün galandan gijä goýman, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde;
ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda döredilen saýlaw uklarynda bolsa – saýlawa iki gün galandan gijä goýman köpçüligiň tanyşmagy üçin goýulýar.
Sanawa girizilmändigi, nädogry girizilendigi ýa-da sanawdanaýrylandygy barada, şeýle hem sanawda saýlawçy baradaky maglumatlaryň görkezilişinde ýol berlen nätakyklyklar barada şikaýat etmäge her bir raýata hukuk berilýär. Şu meseleler baradaky arza uçastok saýlaw topary garaýar, ol arza iki günden gijä goýman garamaga, saýlawyň öň ýanynda we saýlaw güni bolsa haýal etmän garamaga, zerur düzedişleri sanawa girizmäge ýa-da arz edijä onuň arzasynyň kanagatlandyrylmandygy barada delillendirilen kararyň nusgasyny bermäge borçludyr.

## §4. Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri görkezmeklik saýlawa 45 gün galanda başlanyp, 30 gün galanda tamamlanýar.
Degişli etrabyň, şäheriň çäginde şaýan Türkmenistanyň raýatlary etrap, şäher halk maslahatyna agzalyga dalaşgär edilip görkezilip bilner.
Etrap, şäher saýlaw toparynyň, Geňeşiň teklibi bilen, şonuň ýaly-da raýatlaryň teklipçi toparynyň taklibi bilen çagyrylyp geçirilýän raýatlaryň ýygnaklarynda amala aşyrylýar. Raýatlaryň ýygnagy etrap, şäher saýlaw toparynyň, Geňeşiň teklibi boýunça çagyrylanda, olar ýygnak geçirmek üçin bellenensenä çenli 3 günden gijä galman şol saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan raýatlara ýygnagyň geçiriljek ýeri, we senesi we wagty hakynda

umumy elýeter usul bilen habar berýärler. Raýatlaryň ýygnagyna saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan 200-si gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Ýygnaga gatnaşyjylar bellige alynmaga degişlidir. Raýatlaryň ýygnagyna gatnaşyjylaryň bellige alyş sanawlarynda olaryň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri görkezilýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärler degişli etrap, şäher saýlaw topary tarapyndan bellige alynýar. Bellige almaklyk saýlawlara 35 gün galanda başlanýar we saýlawlara 25 gün galanda tamamlanýar.

Her saýlaw okrugynda halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň azyndan iki-üç sanysy bellige almak üçin hödürlenilýär. Halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karar halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri görkezmek baradaky ýygnaklaryň, mejlisleriň teswirnamalary hem-de görkezilen dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky razylyk hatlary bar bolan mahalynda kabul edilýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär diňe bir saýlaw okrugynda bellige alnyp bilner. Halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär edilip bellige alnanlaryň her birine degişli şahsyýetnama berilýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär görkezilen adam haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýagdaýynda, ol dalaşgär edilip bellige alnan pursadyndan topardaky wezipesinden boşadylan diýlip hasap edilýär.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgäri görkezen syýasy partiýalaryň, jemgyçilik birleşikleriniň, raýatlaryň ýygnaklarynyň dalaşgär görkezmek hakyndaky

öz kararyny saýlawlara çenli islendik wagtda ýatyrmaga haky bardyr. Şu mesele boýunça karar dalaşgärleri görkezmek üçin göz öňünde tutulan tertipde kabul edilýär we etrap, şäher saýlaw toparyna berilýär.
Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär öz-özüni saýlawlara çenli islendik wagt aýryp biler, munuň üçin ol özüni halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär edip bellige alan saýlaw toparyna ýazmaça arza bilen ýüz tutýar.
Dalaşgär saýlawa 20 günden az az wagt galanda çykyp gidende, degişli saýlaw okrugyndan etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna saýlawlar umumy saýlawlardan soň iki aý möhlet içinde geçirilýär.
Saýlaw býulletenleri döwlet dilinde, şeýle hem saýlaw okrugynyň ilatynyň köplüginiň ulanýan beýleki dilinde çap edilýär.
Saýlaw byulletenleri ses berilýän güne çenli azyndan üç gün galanda saýlaw uçastoklaryna getirilýär.

### §5. Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleriň işiniň kepillendirilmegi.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň etrap, şäher saýlaw toparlary tarapyndan bellige alnan wagtyndan beýläk saýlawyň öň ýanynda geçirilýän ýygnaklarda, maslahatlarda, mejlislerde, metbugatda, telewideniýe we radio arkaly çykyş etmäge deň hukuklary bardyr. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň we öz-özüňi dolandyryşyň ýerli edaralary, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary saýlawçylar bilen duşuşyklar guramakda, zerur düşündirişli hem habarly maglumatlary almakda halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärlere ýardam etmäge borçludyrlar.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär. Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär, degişli etrap, şäher saýlaw toparynyň razylygy bolmasa, jenaýat jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip ýa-da başga ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez. Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň üçe çenli ynanylan adamy bolup biler, olar saýlaw möwsümini geçirmekde oňa kömek berýärler, onuň halk maslahatynyň agzalygyna saýlanmagy ugrunda wagyz alyp barýarlar, döwlet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri, saýlawçylar bilen özara gatnaşyklarynda, şeýle hem saýlaw toparlarynda onuň bähbidini araýarlar. Ynanylan adam degişli saýlaw toparlarynyň düzümine giripbilmez. Ynanylan adamlaryň ygtyýarlygy saýlanylan etrap, şäher halk maslahatynyňagzasynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň tamamlanýar. Ähli raýatlara, syýasy partiýalara, jemgyçilik birleşiklerine etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň syýasy, iş bitirijilik we şahsy sypatlaryny erkin hem-de hemme taraplaýyn ara alyp maslahatlaşmak mümkinçiligi, şeýle hem dalaşgäriň tarapyna ýa-da onuň garşysyna ýygnaklarda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde wagyz alyp barmak hukugy berilýär.

Ýygnaklaryň we duşuşyklaryň geçýän wagty hem-de ýeri hakynda saýlawçylara öňünden habar berilýär.

Saýlaw güni wagyz geçirilmegine ýol berilmeýär.

## §6. Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary geçirilende ses bermegiň wagty Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan bellenilýär. Uçastok saýlaw topary haýsy wagtda we aýsy ýerde ses berilmelidigini saýlawlara çenli azyndan on gün galanda saýlawçylara habar berýär. Ses bermek işi ýörite bellenilen jaýlarda geçirilýär, olarda gizlin ses berer ýaly enjamlaşdyrylan aýmançalaryň ýa-da otaglaryň sany ýeterlik bolmalydyr, saýlaw býulletenleriniň berilýän ýerleri anyklanylmalydyr we saýlaw gutulary goýulmalydyr. Saýlaw güni ses bermäge başlamazdan öň uçastok saýlaw toparynyň başlygy toparyň agzalarynyň gatnaşmagynda saýlaw gutularyny barlaýar, olara möhür goýýar.

Her bir saýlawçynyň hut özi ses berýär, başga adamlaryň ýerine ses bermäge ýol berilmeýär. Uçastok saýlaw topary saýlawça saýlaw býulletenlerini saýlaw uçastogynyýlawçylarynyň sanawy esasynda pasportyny ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamasyny görkezende berýär.

Saýlaw býulletenini ses berýän adam gizlin ses berilýän aýmançada ýa-da oyagda doldurýar. Býulleten doldurlanda şol ýerde ses berýänden başga adamyň bolmagy gadagandyr.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlarynda ses berýän adam dalaşgärin haýsylaryna garşy ses berýän bolsa, býulletende şolaryň familiýalarynyň ýanynda bellik edýär. Doldurylan býulleteni ses berýänadam saýlaw gutusyna atýar.

Saýlaw uçastogynda etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň her biri boýunça aýratynlykda sanalýar. Ses bermeklik tamamlanmanka saýlaw gutularyny açmak gadagandyr. Bellenen nusgada bolmadyk saýlaw býulletenleri we kagyzçalary hakyky däl diýlip hasap edilýär. Sesleri sanamagyň netijesine uçastok saýlaw toparynyň mejlisinde garalýar we ol her bir saýlaw okrugy boýunça aýratyn düzülýän teswirnamalara girizilýär. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler hem-de ol haýal edilmän etrap, şäher saýlaw toparyna iberilýär.

Saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň netijesini uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda etrap, şäher saýlaw topary öz mejlisinde takyklaýar.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsiniň sesini alan etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Sesleri sanamagyň netijesine görä etrap, şäher saýlaw topary halk maslahatynyň agzalygyna her bir saýlaw okrugy boýunçasaýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama düzýär we olary bellige alýar. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler.

Etrap, şäher hem-de saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň netijesi degişli etrap, şäher saýlaw yopary tarapyndan saýlawlaryňbolan gününden soň bäşinji günden gijä galdyrylman yglan edilýär.

Saýlanan etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hakyndaky meselä etrap, şäher halk maslahatynyň mejlisinde garalýar.

**§7. Gaýtadan ses bermek.. Gaýtadan geçirilýän saýlawlar we çykyp giden etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ýerine saýlawlar geçirmek.**

Saýlaw okrugy boýunça etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna üç we ondan hem köp dalaşgär sese goýlan bolsa we olaryň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa, onda etrap, şäher saýlaw topary has köp ses alan dalaşgärleriň ikisi boýunça okrugda gaýtadan ses bermegi geçirmek hakynda karar kabul edýär. Şeýle karar hakynda uçastok saýlaw toparlary okrugyň saýlawçylaryny habarly edýäler.

Saýlaw okrugynda gaýtadan ses bermek işi şu Kanunyň talaplaryny berjaý etmek bilen, iki hepdeden gijä galynman gecirilýär.

Gaýtadan ses berlende saýlawçylaryň ses bermäge gatnaşanlarynyňsesleriniň beýleki dalaşgäre garanda has köpüsinialan etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Dalaşgärleriň biri dürli sebäplere görä çykyp giden halatynda halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň galan beýlekisi boýunça gaýtadan ses berilýär. Eger ol ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alsa, ol saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Eger saýlaw okrugy boýunça saýlawlar geçirilmedik ýa hakyky däl diylip ykrar edilen bolsa, ýa-da gaýtadan ses berilmegi etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna kimiň saýlanylandygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermedik bolsa, degişli etrap, şäher saýlaw topary gaýtadan saýlawlary geçirmek barada karara gelýär we bu işi ýola goýýar. Özem şunda saýlawlary uçastok saýlaw toparlarynyň täze düzüminiň geçirmegi baradaky karara

gelnip bilner. Ses bermek şol bir saýlaw uçastoklarynda we umumy saýlawlary geçirmek üçin düzülen saýlawçylaryň sanawlary boýunça geçirilýär.

Saýlawlar gaýtadan geçirlende umumy saýlawlarda etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna saýlanylmadyk şol öňki dalaşgärlerhem täzeden dalaş edip bilerler.

Gaýtadan geçirilýän saýlawlar umumy saýlawlardan soň iki aý möhletden gijikdirilmän geçirilýär. Halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleriň görkezilmegi we bellige alynmagy hem-de beýleki çäreler şu Kanunda bellenilen tertipde geçirilýär. Saýlawlaryň gaýtadan geçirilýändigi hakynda okrugyň saýlawçylary habardar edilýär.

Halk maslahatynyň agzalary möhletinden öň çykyp giden mahalynda degişli saýlaw okruglarynda etrap, şäher halk maslahatynyň agzasynyň çykyp giden pursatyndan beýläk üç aýyň içinde täze saýlawlar geçirilýär. Degişli halk maslahaty saýlawlaryň geçirilmegine azyndan iki aý galanda onuň geçjek gününi belleýär we şu kanunyň talaplaryny berjaý etmek arkaly ol işi ýola goýýar.

Sunda, eger saýlaw okrugy öz çägi boýunça saýlaw uçastogynyň çägi bilen deň ýa ondan kiçi bolup, saýlaw uçastogyna girýän bolsa, onda etrap, şäher saýlaw toparynyň wezipesini uçastok saýlaw topary ýerine ýetirýär, onuň düzümini degişli halk maslahaty tassyklaýar.

Ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna alty aýdan az wagt galanda halk maslahatynyň agzasy çykyp giden wagtynda , onuň ýerine täze agzanyň saýlawlary geçirilmeýär.

**§8. Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny möhletinden öň bellemek. Täze döredilen etrapda, şäherde halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek.**

Ýurdy ösdürmegiň syýasy we durmuş-ykdysady talaplary bilen baglanyşykly halatlarda, şeýle hem döwletde we jemgyýetde bolupgeçýän özgertmelere we üýtgetmelere uly itergi bermäge zerurlyk bolan ýagdaýlarynda etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary möhletinden öň, olaryň ygtyýarlyklarynyň möhleti dolmazdan ozal geçirilip bilner. Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň möhletinden öň geçirilmeli saýlawlary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär we şu kanuna laýyklykda geçirilýär.

Täze döredilen etrapda, şaherde halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek täze döredilen çäkde saýlanan agzalaryň ýokdugy ýa-da olaryň sanynyň ýeterlik däldigi üçin etrap, şäher halk maslahatyny döretmek mümkinçiliginiň bolmadyk halatlarynda amala aşyrylýar.

Aýratyn halatlarda, dolandyryş çäkleriň gurluşda bolup geçen üýtgeşmeler bilen baglanyşyklylykda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde mandat sanly şu kanunyň 10-njy maddasynda bellenilen mukdardan az bolan etrap, şäher halk maslahatynyň ygtyýarlyklaryny saklamak hakyndaky karar kabul edilip bilner.

Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny Türkmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan olaryň ( etrap, şäher ) döredilen gününden beýläk iki aýdan gijä galman belleýär hem-de şol saýlawlar  şu Kanuna laýyklykda geçirilýär.

Etrabyň, şäheriň saýlaw toparynyň düzümi welaýat halk maslahatynyň teklipnamasy boýunça Türkmenistanda saýlawlary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan tassyklanylýar.
Saýlaw okruglary we uçastoklary etrabyň, şäheriň saýlaw topary tarapyndan döredilýär.
Etrabyň, şäheriň saýlaw topary saýlaw okruglarynyň we uçastoklarynyň sanawyny halka ýetirýär, şunda olaryň araçäkleri we merkezleri görkezilýär, saýlaw toparlarynyň hem-de ses bermeli jaýlaryň nirede ýerleşýändigini saýlawçylara mälim edýär

## Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary.

### §1. Geňeş - halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy

Türkmenistan döwletimizde ýerli häkimiýet edaralary düýpgöter täzeçe işlenilip düzüldi. Öz döwletimiziň gurluşyna milli, taryhy aýratynlyklaryna laýyklykda guraldy. Sebäbi her bir döwletde döwlet syýasatyny amala aşyrmakda ýerli häkimiýet edaralaryna aýratyn orun degişlidir. Ýerli edaralaryň öz işlerini jogapkärçilikli, kanuna laýyk alyp barmaklary Türkmenistan döwletimiziň ösmekliginde aýratyn täsiri bardyr.
Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň IV-nji bölümi “Ýerli öz-özüňi dolandyryş” diýlip atlandyrylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 84-nji maddasynda, “Ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyny Geňeşler we ýerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralary emele getirýärler” diýlip bellenilýär.
Welaýatda, etrapda, welaýat we etrap hukukly şäherlerde ýerli halk maslahaty döredilýär, olar ýerine ýetiriji ýerli

häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen gatnaşyklaryny hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde alyp barýarlar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Geňeş ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini amala aşyrýar we ol etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, obanyň çäginde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr. Bir ýa-da birnäçe obanyň çägi geňeşligi emele getirýär. Şol ýerde hem Geňeş döredilýär. Geňeşligiň çäginde hojalyk işiniň subýekti hökmünde bir ýa-da birnäçe daýhan birleşigi, paýdarlar jemgyýeti, hojalygara kärhanasy bolup biler.

Geňeş öz işinde kanunylyk, bileleşiklik we aýanlyk ýörelgelerini gollanýar we dolandyryş taýdan bir-birine basgançakly tabynlyk gatnaşyklar bilen baglanşykly däldir.

Geňeş hem-de onuň döredýän edaralary özleriniň alyp barýan işleri we kabul eden kararlary barada ilaty yzygiderli habarly edip durýarlar.

**§2. Geňeşiň işiniň guralyşy.**

Geňeşiň ygtyýarlyklary, işiniň tertibi, onuň beýleki döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralary bilen gatnaşygy Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň "Geňeş hakyndaky" kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly kesgitlenilýär.

Geňeşiň işiniň esasy görnüşi onuň maslahatydyr.

Geňeşiň maslahatlaryny taýýarlamagyň, olary çagyrmagyň we geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň "Geňeş hakyndaky" kanuny arkaly kesgitlenilýär.

Geňeşiň maslahatlary zerur bolşuna görä, ýöne azyndan ýylda dört gezek arçyn tarapyndan çagyrylýar.

Täze saýlanylan Geňeşiň birinji maslahatyny saýlaw toparynyň başlygy saýlawdan soň iki hepdäniň dowamynda

çagyrýar, ol maslahaty açýar we arçyn saýlanylýança maslahatyň işini alyp barýar, soňra bu işi arçynyň özi ýa-da onuň orunbasary ýerine ýetirýär.

Eger saýlanylan Geňeş agzalarynyň umumy sanynyň azyndan üçden iki bölegi maslahata gatnaşýan bolsa, onda maslahat doly ygtyýarly hasap edilýär.

Geňeşiň maslahaty açyk hasaplanylýar. Onuň giňişleýin mejlislertine halk wekilleri, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, ýokarda durýan döwlet edaralarynyň wekilleri, şeýle hem zähmetkeşler toparlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, çäkdäki jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maslahata çagyrylan wekilleri, raýatlar maslahatçy ses hukugy bilen gatnaşyp bilerler.

Geňeşiň karary boýunça onuň ýapyk mejlisi hem geçirilip bilner.

Geňeşiň maslahaty teswirnama ýöretmek üçin kätibi saýlaýar. Maslahatyň teswirnamasyna arçyn ýa-da onuň orunbasary hem-de maslahatyň kätibi tarapyndan gol çekilýär.

Geňeşiň maslahatlary hakyndaky habar, Geňeşiň kabul eden kararlary ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Geňeş “Geňeş hakyndaky” kanun we beýleki kanunlar arkaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary arkaly özüne berlen ygtyýarlygyň çäginde kararlary kabul edýär.

Geňeşiň kararlary açyk ses bermek arkaly, Geňeş agzalarynyň umumy sanyndan berlen sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär.

Geňeşiň kabul eden kararlary hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär we halka ýetirilen pursatyndan güýje girýär.

### §3. Ýerli öz-özüňi dolandyryşy amala aşyrmagyň guramaçylyk esaslary.

**Sala-salşyk barada düşünje.**

Geňeş işiniň esasy görnüşi onuň maslahatydyr. Geňeşiň maslahatlary zerur bolşuna görä ýöne azyndan ýylda iki gezek arçyn tarapyndan çagyrylýar. Täze saýlanylan Geňeşiň birinji maslahatyny saýlaw toparynyň başlygy saýlawdan soň iki hepdäniň dowamynda çagyrýar. Ol maslahaty açýar we arçyn saýlanylýança maslahatyň işini alyp barýar. Soňra bu işi arçynyň özi alyp barýar. Eger saýlanylan geňeş agzalarynyň umumy sanynyň azyndan 3/2 ( üçden iki ) bölegi maslahata gatnaşýan bolsa onda maslahat doly ygtyýarly hasap edilýär, Geňeş maslahaty açyk hasaplanylýar. Geňeşiň karary esasynda ýapyk maslahat hem geçirilýär. Geňeşiň kätibi bolýar. Geňeş Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary arkaly özüne berilen ygtyýarlaryň çäginde namalary kabul edýär.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 94-nji maddasyna laýyklykda „Döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli möhüm meseleleri çözmek üçin ählihalk sala salşyklary we ýerli sala salşyklary geçirilip bilner“ diýlip kesgitlenilýär. Sala salşyk bolanda umumy döwlet ähmiýetli ýa-da ýerli ähmiýetli döwlet ýa-da öz-özüňi dolandyryş häsiýete eýe bolan kararlary kabul edilmekde saýlawçylaryň gös-göni ses bermek arkaly döwlet häkimiýetini amala aşyrmaga gatnaşmaklaryna düşünilýär. Diýmek, sala salşyk – geňeşmek maksady bilen halkyň ses bermegini guramak.

Ählihalk sala salşyklaryny geçirmek hakyndaky meseleleri Türkmenistanyň Mejlisi çözýär. Sala salşyklara

Türkmenistanyň saýlaw hukugyna eýe bolan raýatlary gatnaşýar.
Türkmenistanyň raýatlarynyň ses bermegi arkaly döwlet häkimiýetini amala aşyrmaga gös-göni özleriniň gatnaşmagynyň bir görnüşidir. Döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli iňňän möhüm meseleleri çözmek üçin ählihalk we ýerli sala-salşyk geçirilýär.
Ýerli sala-salşyga degişli meseleler:
Geňeşiň kararyny ýatyrmak hakyndaky mesele.
Ýerli ähmiýetli beýleki has möhüm meseleler barada karar kabul etmek baradaky meseleler berlip biliner.
Şu aşakdaky meseleler ýerli sala salşygyň garamagy üçin berlip bilinmez:
Dolandyryş çäk serhetleri hakyndaky meseleler.
Jemgyýetçilik tertibini goramak, raýatlaryň saglygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak barada adatdan daşary we gaýra goýulmasyz çäreleri çözmek hakyndaky meseleler.
Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna wezipeli adamlary bellemek ya-da saýlamak we wezipesinden boşatmak baradaky meseleler.
Ýerli sala-salşyga degişli meseleler ýerli degişli dolandyryş-çägiň bütin çäginde geçirilýär.

## Geňeşiň garamagyna degişli meseleler

### §1. Geňeşiň ygtyýarlygy. Geňeşiň diwanynyň wezipeleri.

Geňeşiň ygtyýarlaryna şu aşakdakylar girýär:

öz çägini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemek;

ýerli býujeti hem-de onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak;

ýerli salgytlary hem ýygymlary, olary almagyň tertibini bellemek;

öz býujetine tölenilýän tölegler boýunça ýeňillikler bermek;

tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak baradaky çäreleri kesgitlemek;

Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklaryny ykrar etmek hem-de kanunçylykda göz öňüne tutulan halatlarda olaryň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak;

arçyny, arçynyň orunbasarlaryny saýlamak, olary wezipelerinden boşatmak;

Geňeşiň toparlaryny döretmek we ýatyrmak;

arçynlygy saklamak üçin edilýän harajatlary tassyklamak;

Arçynyň, Geňeşiň döredýän toparlarynyň işi hakyndaky hasabatlara, şeýle hem Geňeş agzalarynyň öz borçlaryny ýerine ýetirişi hakyndaky habarlara seretmek;

arçynyň çykaran buýruklaryny ýatyrmak;

ýerli sala salşygy geçirmek hakynda karar kabul etmek;

ilatly mekanlaryň we dolandyryş-çäkleriň (birlikleriň) araçäklerini, hukuk ýagdaýyny hem-de adyny

üýtgetmek hakynda haýyşlary gozgamak, şunda emläk we hukuk häsiýetli ýüze çykýan meseleleri çözmek;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz çäginde ýer we suw gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek;

Türkmenistanyň kanunçylyk namalary arkaly Geňeşleriň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleler.

Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň maliýe serişdeleri ýörite kanun esasynda kesgitlenilýär. Şol serişdelerden ýerlikli peýdalanyp ýerli häkimiýet edaralary şu öňünde goýan wezipesini maksada laýyk amala aşyryp biler. Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary ýerli eýeçilikde duran emläklere ygtyýar edip dolandyrýarlar, ýerli býujeti we onuň ýerine ýetirilşi hakyndaky hasabaty tassyklaýarlar, ýerli salgytlary hem ýygymlary, olary almagyň tertibini belleýärler, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak baradaky çäreleri kesgitleýärler.

**§2. Geňeşiň agzasy.**

Geňeş agzasy saýlowçylaryň doly ygtyýarly wekilidir we ol Geňeşde saýlawçylaryň erk-islegini hem bähbitlerini aňladýar.

Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň “Geňeş hakyndaky” kanuny bilen kesgitlenilýär.

Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary olary ykrar etmek hakunda Geňeş tarapyndan karar kabul edilenden soň başlanýar we täze çagyrylyşyň Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilen gününde gutarýar.

Geňeş agzasy özüniň ygtyýarlyklaryny muzdsuz amala aşyrýar. Geňeş agzasy Geňeşiň maslahatlary geçirilýän, Geňeşiň tabşyryklaryny ýerine ýetirýän

döwründe önümçilik ýa-da gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekden boşadylýar, oňa şol işleri ýerine ýetirmegi bilenbaglanşykly edilen çykdaýjylaryň öwezi ýerli býujetiň hasabyna tölenilýär.

Geňeş agzasy saýlawçylar bilen ykjam aragatnaşyk saklaýar, öz çäklerini ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilşi hakynda olary yzygiderli habarly edip durýar, Geňeşiň kabul eden kararlaryny ýerine ýetirmegi guramak we oňa gözegçilik etmek işine gatnaşýar, jemgyýetçilik pikirini, ilatyň isleg-hajatlaryny öwrenýär, Geňeşe teklip girizýär.

Geňeş agzasynyň ygtyýarlyklary kazyýetiň aýyplaýyş hökümininiň kanuny güýje girmegi ýa-da onuň özüniň arza bermegi, ýa-da Türkmenistanyň raýatlygyny ýitirmegi bilen baglanşyklylykda Geňeşiň kabul eden karary esasynda möhletinden öň ýaturylýar.

Geňeş dolandyryş-çäk gurluşynyň üýtgedilmegi bilen baglanyşyklylykda ýatyrylan mahalynda, Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary möhletinden öň ýatyrylýar.

Geňeşiň agzasy saýlowçylaryň ynamyny ödemedik wagtynda, ol “Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakynda “ kanuna laýyklykda yzyna çagyrylyp biliner.

Geňeşiň agzasy Geňeş bilen deslapdan ylalaşylman, ýolbaşçylaryň teklibi boýunça işden ýa gullukdan boşadylyp ýa-da düzgün-nyzam temmisi tertibinde pes hak tölenilýän işe geçirilip ( wezipesinden peseldilip ) bilinmez.

Geňeşiň agzasy jenaýat jogapkärçiligine çekiljek, tussag ediljek bolnanda ýa-da ol barada kazyýetiň üsti bilen dolandyryş temmi çäresi ulanyljak bolnanda Geňeş bilen deslapdan ylalaşylmalydyr.

Geňeşiň agzasyna bellenilen nusgadaky şahadatnama berilýär.

## Arçyn-ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň ýolbaşçysydyr

### §1. Arçynyň esasy wezipeleri. Arçynyň hukuklary we borçlary.

Arçyn Geňeşiň agzalarynyň arasyndan açyk ses bermek arkaly sesleriň ýönekeý köplügi bilen saýlanylýar. Arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk edýär hem-de Geňeşe hasabat berijidir.

Arçyn ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýar we tabynlygyndaky çäkde ýaşaýşyň ähli çygyrlarynda işleriň ýagdaýlary üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň, Turkmenistanyň Mejlisiniň, welaýatyň we etrabyň häkiminiň öňünde gös-göni jogapkärçilik çekýär.

Arçyn Geňeşiň ygtyýarlylyk möhleti tamamlanandan soň täze çagyrylyşyň Geňeşiniň arçyny saýlanylýança öz ygtyýarlygyny saklaýar.

Arçyn öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde buýruklary çykarýar.

Arçynyň çykaran buýruklaryny Geňeş agzalarynyň teklibi boýunça, etrabyň prokurorynyň ya-da häkiminiň, şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň teklipnamasy boýunça Geňeşiň özi ýatyryp biler.

Arçyn Geňeşiň işine ýolbaşçylyk etmek bilen onuň kabul eden kararlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Turkmenistanyň Mejlisiniň, Ministrler kabinetiniň namalarynyň, şeýle hem häkimleriň ygtyýarlyklary onuň çäginde çykaran buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

**Arçyn:**

Geňeşiň maslahatyny taýýarlamak we ony çagyrmak işini amala aşyrýar, maslahatyň gün tertibini maslahatyň geçiriljek gününe çenli azyndan 10 gün galanda Geňeş agzalarynyň dykgatyna ýetirýär, Geňeşiň kararlarynyň taslamalary bilen tanyşmak mümkinçiligini üpjün edýär;

Geňeşiň maslahatlaryny alyp barýar;

Geňeşiň hem-de ýokarda durýan döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň kabul eden kararlarynyň ýerine ýetirilmegini guraýar;

özüniň garamagyndaky çäkde işleriň ýagdaýy hakynda, Geňeşiň kararlaryny ýerine ýetirmek boýunça edilen iş hakynda Geňeşi habarly edýär;

ýerli çägi ykdysady, durmuş, medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hem-de ýerli býujetiň taslamalaryny işläp taýýarlaýar, bellenilen maksatnamalaryň ýerine ýetirilşi we býujetiň berjaý edilişi hakyndaky hasabatlary Geňeşiň garamagyna hödürleýär;

arçynyň orunbasarlaryny saýlamak ýa-da wezipesinden boşatmak hakynda teklip girizýär;

toparlary döretmek we olaryň düzümi hakyndaky teklipleri Geňeşiň garamagyna hödürleýär, şol toparlaryň işini utgaşdyryp ugrukdyrýar, şeýle hem olaryňşine zerur kömekleri berýär;

Geňeş agzalarynyň öz hukuklaryny hem ygtyýarlyklaryny durmuşa geçirmegine ýardam edýär;

Geňeşiň işinde aýanlygyň ösdürilmegine ýardam edýär hem-de onuň işinde jemgyýetçilik pikirini nazara almak barada çäreleri görýär;

döwlet we jemgyýetçilik guramalary, kärhanalary bilen gatnaşyklarda Geňeşe wekilçilik edýär;

ýerli häkimiýetiň eýeçiligindäki desgalaryň dolandyrylmagyny üpjün edýär;

Geňeşiň çykaran kararlaryna laýyklykda ýerli sala salşyklaryň geçirilmegini, şeýle hem Geňeşiň kararlarynyň taslamalarynyň ýerli we döwlet ähmiýetli beýleki möhüm meseleleriň raýatlar tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmagyny üpjün edýär;

raýatlaryň ýüz tutmalaryna seretmek boýunça işi üpjün edýär;

dolandyryş-çäk gurluşynyň meseleleri baradaky degişli maglumatlary taýýarlaýar;

Türkmenistanyň Prezidentiniň, halk wekilleriniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň hem-de Geňeş agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk we olary geçirmek boýunça saýlaw toparlaryna ýardam edýär;

raýatlary sylaglamak meseleleri baradaky teklipleri hem-de degişli maglumatlary taýýarlaýar;

hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýy, şol bozulmalara ýardam edýän sebäpleri we şertleri ýok etmek çäreleri boýunça polisiýanyň ýerli wekilleriniň we degişli ýolbaşçylaryň hasabatlaryny yzygiderli diňleýär. Polisiýanyň ýerli wekilleri bilen bilelikde hukuk düzgünleriň bożulmalarynyň öňüni almagyň ýagdaýyny seljermek işini guraýar we garamagyndaky ýerlerde jenaýatlaryň öňüni almak barada çäreler görýär;

polisiýanyň yerli wekillerine we olaryň maşgala agzalaryna şol wekilleriň hyzmat edýän ýerlerinde üaşamak üçin gulluk ýaşaýyş jaýlarynyň berilmegini we olaryň ýaşaýan jaýlarynda telefonlaryň oturdylmagyny üpjün edýär;

polisiýanyň yerli wekilleriniň ýerlerdäki ýaşulylar geňeşleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmegine ýardam berýär;

saglygy goraýyş, bilim, medeniýet we hyzmat çygryndaky, şeýle hem eýeçiligiň görnüşine garamazdan öz tabynlygyndaky çäkde ýerleşýän kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylarynyňhasabatlaryny diňleýär.

Kanunçylyk namalary, şeýle hem Geňeşiň kararlary boýunça arçynyň ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär.

## Türkmenistanda Geňeş agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilişi

### §1. Geňeş agzalaryna saýlawlary geçirmekdäki umumy ýörelgeler.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň çäginde halk häkimiýetiň wekilçilikli edarasy bolan Geňeşiň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ähliumumy, deň we göni saýlaw hukugy esasynda geçirilýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlary bir mandatly saýlaw bölügleri boýunça geçirilýär. Her saýlaw bölüginden bir Geňeş agzasy saýlanylýar.

Bir ýa-da birnäçe obanyň çägi geňeşligi emele getirýär, şol ýerde-de Geňeş agzalary saýlanýar.

Saýlaw döwründe Geňeş agzalygyna dalaşgärleri erkin we deňhukukly görkezmek, aýanlyk we açyklyk, wagyz nesihatyň ertkinligi başlangyçlarynda, saýlaw möwsümi

geçirilende ähli dalaşgärler üçin mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti üç ýyldyr.

Ähli saýlawçylar saýlawlara deň esaslarda gatnaşýarlar, her saýlawçynyň bir sesi bardyr.

Saýlawlar göni saýlawlardyr, Geňeş agzalary raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýarlar. Saýlawlarda ses bermek gizlindir, saýlawçylaryň öz erkini ýüze çykarmaklaryna gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, Yerli jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we raýatlar toparlarynyň wekillerinden, harby bölümlerde harby gullukçylardan düzülýän degişlilikdäki saýlaw toparlaryüpjün edýärler.

Saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller syýasy partiýalaryň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda, jemgyýetçilik birleşiklerinde, olaryň ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda, raýatlaryň ýygnaklarynda, şeýle hem harby bölümlerde harby gullukçylaryň ýygnaklarynda görkezilip bilner.

Ýygnaga saýlawçylaryň azyndan 30-sy gatnaşýan bolsa, onda ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Ýygnagy ýa-da maslahaty açmazdan ozal, olaryň guramaçylary tarapyndan ýygnaga, maslahata gatnaşyjylary bellige almagyň jemleri esasynda onuň doly ygtyýarlylygy anyklanylýar. Saýlaw toparlarynyň düzümine döwlet edaralarynyň wekilleri hem görkezilip bilner.

**§2. Saýlaw okruglary we saýlaw uçastoklary. Saýlaw toparlary.**

**Saýlawçylaryň sanawlary.**

Geňeş agzalarynyň saýlawlary üçin şäherlerde, şäherçelerde we geňeşliklerde saýlawçylaryň sany, takmynan, deň bolan 5-11 sany saýlaw bölügleri döredilýär.

Saýlaw bölügleriniň sany Türkmenistanyň “Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakyndaky” kanunyň 10-njy maddasyndaky bellenilen möçberiniň çäginde, degişli Geňeş tarapyndan kesgitlenilýär.

Saýlaw bölügleri saýlawlara çenli azyndan 60 gün galanda degişli şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň Geňeşi tarapyndan döredilýär we saýlaw bölügleriniň araçäkleri hem-de merkezi görkezilen sanawy şol möhletde halka ýetirilýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlary geçirilende ses bermegi geçirmek we sesleri sanamak üçin şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň çägi saýlaw ülüşlerine bölünýär. Harby bölümlerde, şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda, uzak we barmasy kyn ýerlerdäki raýatlaryň bolýan ýerlerinde saýlaw ülüşleri döredilip bilner, ol ülüşler öz ýerleşýän ýerindäki saýlaw bölüglerine girýärler.

**Saýlaw toparlary.**

Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek üçin şu aşakdaky saýlaw toparlary döredilýär:

şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň saýlaw toparlary ( ýerli saýlaw toparlary );

ülüş saýlaw toparlary.

Bu görkezilen toparlaryň ygtyýarlyklary, saýlanan Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň tamam bolýar.

Türkmenistanda saýlawlar we sala-salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar bu Kanunyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär.

**Saýlawçylaryň sanawlary.**

Saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw ülüşi boýunça düzülýär we oňa ülüş saýlaw toparynyň başlygy bilen kätibi gol çekýär. Ülüş saýlaw topary sanawy düzmek işine jemgyýetçilik wekillerini çekip biler.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary saýlawçylaryň hasaba alynmagyny üpjün edýärler hem-de saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek üçin zerur bolan degişli çäkde ýaşaýan saýlawçylar baradaky maglumatlary ülüş saýlaw toparyna berýärler.

Harby bölümlerde bolýan harby gullukçy saýlawçylaryň sanawlary, şeýle hem harby gullukçylaryň maşgala agzalary we beýleki saýlawçylar harby bölümleriň ýerleşýän sebitlerinde ýaşaýan bolsalar, olaryň sanawlary harby bölümleriň serkerdeleriniň berýän maglumatlary esasynda düzülýär. Harby bölümleriň daşynda ýaşaýan harby gullukçylar saýlawçylaryň sanawlaryna ýaşaýan ýeri boýunça umumy esaslarda girizilýär.

Şypahanalarda we dynç alyş öýlerinde, ýatymlaýyn kesel bejeriş edaralarynda saýlawçylaryň sanawy şol edaranyň ýolbaşçylarynyň berýän maglumatlary esasynda düzülýär.

Saýlawçylaryň familiýalary saýlawçylaryň sanawynda ses berlişini guramak üçin amatly bolan tertipde görkezilýär.

Saýlawçylaryň sanawyna saýlaw gününe çenli 18 ýaşy dolan, sanawyň düzülýän pursatyna çenli şol saýlaw

ülüşiniň çäginde ýaşaýan we ses bermäge gatnaşmaga hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlary girizilýär.
Saýlawçy diňe bir saýlaw ülüşinde saýlawçylaryň sanawyna girizilip bilner.
Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak. Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň işiniň kepillendirilmegi. Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi.
Geňeş agzalygyna dalaşgärleri görkezmeklik saýlawa 45 gün galanda başlanyp, 30 gün galanda tamamlanýar.
Degişli şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň çäginde ýaşaýan ýa-da işleýän Türkmenistanyň raýatlary Geňeş agzalygyna dalaşgär edilip görkezilip bilner.
Görkezilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam Geňeş agzalygyna dalaşgär görkezilip bilinmez. Şonda iş kesilenlik aýyby aýrylandan ýa-da öz-özünden aýrylandan soň iň az döwür azyndan 3 ýyl bolmalydyr.

**§3. Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak.Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň işiniň kepillendirilmegi. Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi.**

Kanunda bellenilen tertipde bellige alnan syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan olaryň etrap edaralarynyň mejlislerinde, ilkinji guramalaryň ýygnaklarynda amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik birleşikleriniň dalaşgärleri görkezmek baradaky mejlisleri we ýygnaklary bilelikde geçirmäge haklary bardyr.
ýerli ülüş saýlaw toparlarynyň teklibi bilen, şonuň ýaly-da raýatlar toparynyň teklibi bilen çagyrylyp geçirilýän raýatlarynyň ýygnaklarynda amala aşyrylýar. Ýygnaga

saýlaw bölüginiň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan 50-si gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär.

Mejlislerde we ýygnaklarda Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň çäklendirilmedik sany ara alnyp maslahatlaşylýar we hödürlenilýär. Ýygnaga, mejlise gatnaşýan her adamyň dalaşgärler hakynda teklip girizmäge, olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmaga, olary oňlamaga ýa-da ret etmäge, Geňeş agzalygyna dalaşgär hökmünde ara alnyp maslahatlaşmak üçin hut özüniň hem teklip etmäge haky bardyr.

Eger jemgyýetçilik birleşiginiň degişli saýlowly edarasynyň düzüminiň ýarysyndan köpüsi ýa-da ýygnaga gatnaşyjylaryň ýaryndan köpüsi Geňeş agzalygyna dalaşgär üçin ses berse, onda şol dalaşgär görkezilen diýlip hasap edilýär.

Dalaşgäri görkezmek hakyndaky karar açyk ýa gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär. Ses bermegiň tertibi we ýygnagyň alnyp barlyşynyň beýleki meseleleri ýygnaga, mejlise gatnaşyjylar tarapyndan kesgitlenilýär.

Geňeş agzalygyna dalaşgäriň görkezilendigi hakynda teswirnama düzülýär, şol teswirnama iki günüň içinde, ýöne dalaşgär görkezmek möhletiniň gutaran gününiň yzyndan gelýän iş gününden gijä galynman, ýerli saýlow toparyna gowşurylýar. Dalaşgäriň görkezilendigi hakynda kabul edilen karar hem Geňeş agzalygyna dalaşgäre şol möhlet içinde habar berilýär.

Dalaşgär görkezilen adam sese goýulmaga özüniň razydygy hakynda ýerli saýlaw toparyna, onuň Geňeş agzalygyna dalaşgärleri bellige aijak gününden öň ýazma görnüşde habar berýär. Ýerli saýlaw topary Geňeş

agzalygyna dalaşgäre bellige alnyşyň haýsy gün boljakdygyny öňünden habar edýär.

Şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň Geňeş agzalygyna dalaşgärler degişli ýerli saýlaw topary tarapyndan bellige alynýar. Bellige almaklyk saýlawlara 35 gün galanda başlanýar we saýlawlara 25 gün galanda tamamlanýar.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň ýerli saýlaw toparlary tarapyndan bellige alnan wagtyndan beýläk saýlowyň öň ýanynda geçirilýän ýygnaklarda, maslahatlarda, mejlislerde, metbugatda, telewideniýe we radio arkaly çykyş etmäge deň hukuklary bardyr.

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýetiň we öz-özüňi dolandyryşyň ýerli edaralary, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary saýlawçylar bilen duşuşyklar guramakda, zerur düşündirişli hem habarly maglumatlary almakda Geňeş agzalygyna dalaşgärlere ýardam etmäge borçludyrlar.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär.

Geňeş agzalygyna dalaşgär, degişli ýerli saýlaw toparynyň razylygy bolmasa, jenaýat jogapkärçiligine çekilip tussag edilip ýa-da başga ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

Saýlaw bölügleri boýunça saýlawlaryň netijesini ülüş saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda ýerli saýlaw topary öz mejlisinde takyklaýar.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň ýarysyndan köpüsiniň sesini alan Geňeş agzalygyna dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Ýerli saýlaw topary saýlawlaryň barşynda ýa-da sesler sanalanda kanunyň bozulmagyna ýol berlendigi sebäpli saýlawy hakyky däl diýip hasap edip biler.
Eger saýlawlara saýlawçylaryň sanawyna girizilen saýlawçylaryň ýarysyndan az bölegi gatnaşan bolsa, şeýle hem bölüg boýunça Geňeş agzalygyna bir dalaşgär bellige alnyp, şol aradan çykan bolsa, ýerli saýlaw topary saýlaw geçirilmedi diýip hasap edip biler.
Sesleri sanamagyň netijesine görä ýerli saýlaw topary degişli Geňeşiň agzalygyna her bir saýlaw bölügi boýunça saýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama düzýär we olary bellige alýar. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler.

Şäher, şäherçe we geňeşlik hem-de saýlaw bölügleri boýunça saýlawlaryň netijesi degişli ýerli saýlaw topary tarapyndan saýlawlaryň bolan gününden soň bäşinji günden gijä galdyrylman yglan edilýär. Habarda şu zatlar görkezilýär: saýlawçylaryň sanawyna girizilen raýatlaryň umumy sany; ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany; her bir dalaşgäriň tarapyna we garşysyna berlen sesleriň sany; hakyky däl býulletenleriň we kagyzçalaryň sany; Geňeş agzalygyna saýlananlaryň sanawy, ady, atasynyň ady, familiýasy, eýeleýän wezipesi (käri), işleýän we ýaşaýan ýeri elipbiý tertibinde görkezilýär.

Saýlanan Geňeş agzalarynyň ygtyýarlylyklaryny ykrar etmek hakyndaky meselä Geňeşiň maslahatynda garalýar.

## Gaýtadan ses bermek. Gaýtadan geçirilýän saýlawlar we çykyp giden geňeş agzalarynyň ýerine saýlawlary geçirmek.

**§1. Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny möhletinden öň bellemek, etrapda täze döredilen şäherde, täze döredilen şäherçede, geňeşlikde Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek.**

Ýurdy ösdürmegiň syýasy we durmuş-ykdysady talaplary bilen baglanyşykly halatlarda, şeýle hem döwletde we jemgyýetde bolup geçýän özgertmelere we üýtgermelere uly itergi bermäge zerurlyk bolan ýagdaýlarynda Geňeş agzalarynyň saýlawlary möhletinden öň, olaryň ygtyýarlylyklarynyň möhleti dolmazdan ozal geçirilip bilner. Geňeş agzalarynyň möhletinden öň geçirilmeli saýlawlary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär we “ Geňeş agzalarynyň saýlawlary hakyndaky “ kanuna laýyklykda geçirilýär.

Etrapda täze döredilen şäherde, täze döredilen şäherçede, geňeşlikde Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek täze döredilen çäkde saýlanan agzalaryň ýokdugy ýa-da olaryň sanynyň ýeterlik däldigi üçin Geňeş döretmek mümkinçiliginiň bolmadyk halatlarynda amala aşyrylýar.
Aýratyn halatlarda, dolandyryş çäkleýin gurluşda bolup geçen üýtgeşmeler bilen baglanyşyklylykda Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan özleriniň ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde mandat sany kanunyň 10-njy maddasynda bellenilen mukdardan az bolan Geňeşleriň ygtyýarlylyklaryny saklamak hakyndaky karar kabul edilip bilner.

Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny Türkmenistanyň Mejlisi etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň olaryň döredilen gününden beýläk iki aýdan gijä galman belleýär hem-de şol saýlawlar kanuna laýyklykda geçirilýär.

Şäheriň, şäherçäniň, geňeşligiň saýlaw toparynyň düzümi welaýat häkiminiň teklipnamasy boýunça Türkmenistanda saýlawlar we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan tassyklanylýar.

Saýlaw bölügleri we ülüşleri şäheriň, şäherçäniň we geňeşligiň degişli saýlaw topary tarapyndan döredilýär.

Etrabyň ýa-da şäheriň häkimi saýlaw bölügleriniň we ülüşleriniň sanawyny halka ýetirýär, şunda olaryň araçäkleri we merkezleri görkezilýär, saýlaw toparlarynyň hem-de ses bermeli jaýlaryň nirede ýerleşýändigini saýlawçylara mälim edýär.

**§2. Geňeş agzasyny yzyna çagyrmagyň tertibi.**

Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we kanunlaryny bozmagy, öz borçlaryny birsyhly ýerine ýetirmezligi Geňeş agzasyny yzyna çagyrmak üçin esas bolup durýar.

Geňeş agzasyny yzyna çagyrmak hakyndaky mesele şu aşakdakylar tarapyndan girizilip bilner:

Geňeşiň agzalygyna dalaşgär görkezen syýasy partiýalaryň edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň mejlislerinde (konferensiýalarynda, geňeşlerinde), ýygnaklarynda;

şol saýlaw bölüginiň çäginde ýaşaýan raýatlaryň ýygnaklary tarapyndan, eger şolara saýlawçylaryň azyndan 50-si gatnaşan bolsa.

Geňeş agzasynyň özüni yzyna çagyrmak hakyndaky meselä seredýän ýygnaklara, mejlislere gatnaşmaga haky bardyr.

Ýygnaklaryň, mejlisleriň nirede we haçan geçiriljekdigi öňünden Geňeş agzasyna habar edilýär.
Geňeş agzasyny yzyna çagyrmak hakyndaky meselä degişli Geňeşiň maslahatynda seredilýär. Eger Geňeş agzasyny yzyna çagyrmak hakynda kararyň tarapyna Geňeş agzalarynyň umumy sanynyň azyndan üçden iki bölegi ses beren bolsa, onda şol karar kabul edilen diýlip hasap edilýär. Maslahatyň karary bölügiň saýlawçylarynyň dykgatyna ýetirilýär.
Geňeş agzasyny yzyna çagyrmak meseleleri baradaky arzalara we şikaýatlara Türkmenistanda saýlawlar we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar tarapyndan seredilýär.

## EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow, Ösüşiň täze belentliklerine tarap., Saýlanan eserler 1-2-nji tom, Aşgabat 2008-2009 ý.ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – “Ylym”neşirýaty – Aşgabat, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir”. Aşgabat, 2008 ýyl.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007 ýyl.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow “Eserler ýygyndysy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow “Täze Galkynyş eýýamy”. Aşgabat, 2007 ýyl.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistan Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdydyr, Aşgabat, 2007 ýyl.
8. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow gysgaça terjimehaly” . Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy Aşgabat, 2007 ýyl.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda durmuş ykdysady

özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty”. Aşgabat, 2007 ýyl.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşary syýasaty, wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007 ýyl.
12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, ”Türkmenistanyň Beýik Galkynyş Eýýamynyň Konstitusiýasy hakynda”.Aşgabat, 2008 ý.
13. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat, 2007 ýyl.
14. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007 ýyl.
15. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.
16. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. (ikinji kitap) – Aşgabat, 2004.
17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 1992, 2008.
18. Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamasy (22.08.1990ý.). Sowet Türkmenistany, 23.08.1990.
19. Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky
Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny, 27.10.1991. Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň wedomstlary, 1991ý. № 1.
20. Türkmenistan SSR-de Prezident dolandyryş formasyna geçmek we Konstitusiýa goşmaçalar we üýtgetmeler

girizmek hakyndaky Türkmenistan SSR-niň kanuny. (11.11.1990 ý.), Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň wedomstlary, 1990 ý. № 19-20.
21. Türkmenistanyň Prezidenti hakyndaky kanuny. 4.07.2007.
22. Türkmenistanyň Prezidentiniň at-abyraýyny we mertebesini goramak hakyndaky Türkmenistayň kanuny. Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň maglumatlary, 1991 ý., № 16.
23. Türkmenistanyň raýatlygy hakyndaky kanun, 30.09.1992ý. 14.06.2003ý. (kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen).
24. Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky kanuny, Aşgabat, 2009.
25. Türkmenistanyň kärhanalary hakyndaky Türkmenistanyň kanuny, 15.11.2000.
26. Türkmenistanyň Geňeşler hakyndaky kanuny, 30.03.2007.
27. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakyndaky kanuny, 24.11.1995 .
28. Türkmenistanyň döwlet serhedi hakyndaky kanuny, 01.10.1993 .
29. Türkmenistanyň daýhan birleşikleri hakyndaky kanuny, 30.03.2007 .
30. „Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, olaryň adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda“ Türkmenistanyň kanuny., 27.04.09.
31. Türkmenistanyň daýhan hojalygy hakyndaky kanuny, 30.03.2007 .

32. Raýatlaryň tekliplerine, arzalaryna we şikaýatlaryna seretmek hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany, 02.12.1992 .
33. Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakyndaky kanuny. 7.12.2005.
34. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary hakyndaky kanuny. 7.12.2005.
35. Türkmenistanyň jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky kanuny. 21.10.2003.
36. Türkmenistanyň dine uýmak erkinligi we dini guramalar hakyndaky kanuny. 21.10.2003.
37. Türkmenistanyň syýahatçylyk hakyndaky kanuny. Aşgabat, 2010.
38. Türkmenistanyň Türkmenistanda döwlet gullugyna döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary seçip saýlap almak hakyndaky kanuny. 9.08.2002
39. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Oba“ syýasatyny özgertmek baradaky karary. 2007-nji ýylyň 30-njy marty.
40. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Bilim“ syýasatyny özgertmek baradaky karary. 2007-nji ýylyň 30-njy marty.
41. Türkmenistanyň ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hakyndaky kanuny. Aşgabat, 18.05.2010
42. Васильев В.И. Местное самоуправление. М., 1999.
43. Выдрин И.В., Кокотов А.Н. Муниципальное право России. М., 1999.
44. Кутафин О.Е., Фадеев В.И. Муниципальное право РФ. М., 1999.

# MAZMUNY

**GIRIŞ.............................................................................. 9**

**Ýerli häkimiýet hukugy barada düşünje**
**§1.** Ýerli häkimiýet hukugy barada düşünje................. 11

**§2.** Ýerli häkimiýet hukuk kadalary, hukuk gatnaşyklary we onuň subýektleri**..........................13**
**§3.** Ýerli häkimiýet hukugynyň çeşmeleri.................... 15

**Yerli häkimiýet hukugynyň umumy ýörelgeleri.**
**§1.** Ýerli häkimiýet hukugynyň umumy ýörelgeleri barada düşünje........................................................ 15
**§2.** Ýerli häkimiýet hukugynyň ýörelgeleriniň görnüşleri......................................................... 16
**Ýerli häkimiýet edaralarynyň ulgamy we halkyň ýerli häkimiýeti amala aşyrmaga gatnaşygy**
**§1.** Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamyna düşünje................................................20
**§2.** Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna geçirilýän saýlawlar................................................22

**Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk we territorial esaslary**
**§1.** Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň hukuk esaslary barada düşünje we onuň ösüşi.........................................................................24
**§2.** Türkmenistanda ýerli häkimiýet edaralarynyň çäk esaslary barada düşünje. Dolandyryş-çäk birlikleri we olary üýtgetmekligiň tertibi............... 30

**Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet.**

**§1.** Häkimler-döwlet baştutanynyň ýerlerdäki wekilleridir..........................................................34
**§2.**Häkimiň ygtyýarlygy..............................................35
**§3.** Häkim tarapyndan kabul edilýän namalar.............39

**Türkmenistanyň welaýat halk maslahaty**

**§1.** Welaýat halk maslahatynyň işiniň guralyşy..........41
**§2.** Welaýat halk maslahatynyň, halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklary........43
**§3.** Welaýat halk maslahatynyň agzasy.......................45
**§4.** Welaýat halk maslahatynyň işini üpjün etmek......48

**Welaýat halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary barada düşünje**

**§1.**Türkmenistanda saýlaw ulgamynyň esaslary. Saýlaw okruglary we saýlaw uçastoklary............... 50
**§2.**Saýlaw toparlary. Saýlawçylaryň sanawlary. Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak......53
**§3.** Welaýat, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalşgärleriň işiniň kepillendirilmegi.....................57
**§4.** Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi............................................................59
**§5.** Gaýtadan ses bermek. Gaýtadan geçirilýän saýlawlar we çykyp giden welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ýerine saýlawlar geçirmek............................................................62
**§6.** Welaýat, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny möhletinden öň bellemek................64

**Türkmenistanyň etrap, şäher halk maslahaty**

**§1.** Etrap, şäher halk maslahatynyň işiniň guralyşy.....65
**§2.** Etrap, şäher halk maslahatynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlyklary..........................................................66
**§3.** Etrap, şäher halk maslahatynyň agzasy..................67
**§4.** Etrap, şäher halk maslahatynyň işini üpjün etmek. 69

**Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlary barada düşünje**

**§1.** Saýlaw ulgamynyň esaslary.................................70
**§2.** Saýlaw okruglary we saýlaw uçastoklary.............71
**§3.** Saýlaw toparlary. Saýlawçylaryň sanawlary........72
**§4.** Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak...74
**§5.** Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleriň işiniň kepillendirilmegi..................76
**§6.** Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi.............................................................78
**§7.** Gaýtadan ses bermek. Gaýtadan geçirilýän saýlawlar we çykyp giden etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň ýerine saýlawlar geçirmek.80
**§8.** Etrap, şäher halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny möhletinden öň bellemek. Täze döredilen etrapda, şäherde halk maslahatynyň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek.................................................82

**Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary**

**§1.** Geňeş - halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy.......83
**§2.** Geňeşiň işiniň guralyşy...........................................84
**§3.** Ýerli öz-özüňi dolandyryşy amala aşyrmagyň guramaçylyk esaslary.
Sala-salşyk barada düşünje............................................86

**Geňeşiň garamagyna degişli meseleler**

**§1.**Geňeşiň ygtyýarlygy.Geňeşiň diwanynyň wezipeleri. 88
**§2.** Geňeşiň agzasy. ........................................................89

**Arçyn-ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň ýolbaşçysydyr**

**§1.** Arçynyň esasy wezipeleri. Arçynyň hukuklary we borçlary............................................................................ 91

**Türkmenistanda Geňeş agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilişi**

**§1.** Geňeş agzalaryna saýlawlary geçirmekdäki umumy ýörelgeler..........................................................................94
**§2.** Saýlaw okruglary we saýlaw uçastoklary. Saýlaw toparlary. Saýlawçylaryň sanawlary..............................96
**§3.** Dalaşgärleri görkezmek we olary bellige almak. Geňeş agzalygyna dalaşgärleriň işiniň kepillendirilmegi. Ses bermegiň we saýlawyň jemini jemlemegiň tertibi....98

**Gaýtadan ses bermek. Gaýtadan geçirilýän saýlawlar we çykyp giden geňeş agzalarynyň ýerine saýlawlary geçirmek.**

**§1.** Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny möhletinden öň bellemek, etrapda täze döredilen şäherde, täze döredilen şäherçede, geňeşlikde Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek..................................................102
**§2.** Geňeş agzasyny yzyna çagyrmagyň tertibi..............103

**Edebiýat............................................................... 105**